# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – BIZ GORANYŞ HÄSIÝETLI HARBY DOKTRINAMYZYŇ TALAPLARYNA LAÝYKLYKDA, HARBY WE HUKUK GORAÝJY EDARALARYŇ DÜZÜMINI MUNDAN BEÝLÄK HEM YZYGIDERLI KÄMILLEŞDIRERIS.


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
18-nji awgust, 2023. Belgisi 33/1547




14-nji awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy wezipesine täze bellenen Kaha Imnadzeni kabul etdi.

# KÖPÝYLLYK HYZMATDAŞLYK ÜSTÜNLIKLI ÖSDÜRILÝÄR

Diplomat duşuşmaga döredilen mümkinçilik hem-de mähirli kabul edilendigi üçin tüýs ýürekden hoşallygyny bildirip, döwlet Baştutanymyza BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň iberen mähirli salamyny we ähli türkmen halkyna iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Şunda Birleşen Milletler Guramasy bilen sebit we ählumumy abadançylygyň bähbidine laýyk gelýän netijeli hyzmatdaşlyk meselelerinde ýurdumyzyň eýeleýän işjeň orny bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirdi hem-de BMG-niň Baş sekretaryna salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan edip, jenap Kaha Imnadzeni BMG-niň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy wezipesine bellenmegi bilen gutlady.

Duşuşygyň dowamynda dünýäniň strategik sebitleriniň biri bolup durýan Merkezi Aziýanyň häzirki wagtda depginli ösüşi görkezýändigi bellenildi. Sebitiň ýurtlary ählumumy parahatçylygyň we Durnukly ösüş maksatlarynyň gazanylmagynyň bähbidine netijeli hyzmatdaşlyk etmäge ygrarlydyrlar. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen döredilen BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi tarapyndan soňky ýyllarda öňüni alyş diplomatiýasyny ilerletmek boýunça netijeli işleriň alnyp barlandygy, hyzmatdaşlygyň täze görnüşleriniň döredilendigi we anyk maksatnamalaryň durmuşa geçirilendigi nygtaldy.

Hormatly Prezidentimiz sebit merkeziniň alyp barýan möhüm işiniň üstünlikli dowam etdiriljekdigine ynam bildirip, BMG bilen köpugurly hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagynyň we giňeldilmeginiň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridigini belledi. Ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletler tarapyndan iki gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolmak bilen, köp ýyllaryň dowamynda BMG we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen işjeň hyzmatdaşlyk edip gelýär hem-de dürli ulgamlardaky hyzmatdaşlyk boýunça başlangyçlary yzygiderli öňe sürýär.

Şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň çözgüdine laýyklykda hem-de goňşy döwletleriň we Howpsuzlyk Geňeşiniň agzalarynyň goldaw bermeginde Aşgabatda esaslandyrylan BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bilen ýakyndan hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berilýär. BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi döredilen gününden bäri geçen 15 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda özüni häzirki döwrüň möhüm meseleleriniň çözgütlerini işläp taýýarlamakda Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamyny Merkezi Aziýa ýurtlary bilen birleşdirýän netijeli meýdança hökmünde görkezdi.

Jenap Kaha Imnadze hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hem-de Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa sebit merkeziniň işine berýän hemişelik goldawlary üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Bitarap Türkmenistanyň sebitde we dünýäde parahatçylygyň pugtalandyrylmagyna, özara düşünişmek we ynanyşmak ýagdaýynyň döredilmegine, netijeli syýasy-diplomatik dialogyň pugtalandyrylmagyna saldamly goşant goşýandygyny nygtady. Diplomat ýurdumyz bilen bilelikdäki işiň baý tejribesine hem-de uly mümkinçiliklere esaslanýan netijeli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna hemmetaraplaýyn ýardam etjekdigine ynandyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de BMG-niň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Kaha Imnadze Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky strategik häsiýete eýe bolan köpýyllyk hyzmatdaşlygyň ählumumy parahatçylygyň, rowaçlygyň we abadançylygyň bähbidine mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.



## Çagalaryň saglygy baradaky alada – bagtyýar geljegiň binýady

Gojaman Köpetdagyň eteginde gurlan Arkadag şäheri ekologiýa taýdan arassa sebitde ýerleşip, sagdynlygyň we ruhubelentligiň şäheri hökmünde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Serdarymyzyň halkymyzyň saglygy baradaky taýsyz tagallalarynyň belent nusgasyny özünde jemleýär. Dagyň arassa howasyndan dem almagyň saglyk üçin örän peýdalydygy hemmämize aýan hakykat. Özboluşly tebigy aýratynlyklary, köçe-ýollaryň gyrasyna, şeýle-de daş-töweregine ekilen saýaly, pürli we miweli baglar, suw çüwdürimleri, ýanýodalarda açylyp duran al-elwan güller täze şäherde howanyň arassa bolmagyna giň mümkinçilik berýär. 3

## Aşgabatda Kuraş boýunça Dünýä çempionaty geçiriler




16-njy awgustda Aşgabatda Kuraş boýunça Dünýä çempionatyny geçirmek barada Ylalaşyga gol çekmek we Halkara kuraş assosiasiýasynyň baýdagyny Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetine gowşurmak dabaralary geçirildi.

Dabara Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, ýurdumyzyň Kuraş göreş federasiýasynyň jogapkär işgärleri hem-de Halkara kuraş assosiasiýasynyň prezidenti Haýder Farmanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet, türgenler, talyplar we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar. 2




## Täze okuw ýylyna taýýarlyk görülýär

Ylym we bilim islendik döwletiň we jemgyýetiň ösmeginiň, şol sanda ýurdumyzyň ykdysady, ylym-bilim kuwwatynyň pugtalandyrylmagynyň esasy hem-de möhüm şertidir. Ylym we bilim ulgamyny toplumlaýyn ösdürmek, ony hil taýdan täze derejä çykarmak hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şonuň üçin hem Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ägirt uly meýilnamalary durmuşa geçirmäge ukyply ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga gönükdirilen işlere, bilim edaralaryny zerur okuw esbaplary, döwrebap okuw-tehniki enjamlary bilen üpjün etmek meselelerine aýratyn ähmiýet berilýär. 3

# ÝARAGLY GÜÝÇLERIMIZIŇ MADDY-ENJAMLAÝYN BINÝADY BERKIDILÝÄR

**15-nji awgustda Hazaryň kenarynda Döwlet serhet gullugynyň täze binalar we desgalar toplumynyň açylyş dabarasy boldy.**

Bu şanly waka Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda hormatly Prezidentimiziň asylly başlangyçlary bilen şöhratlanýan Watanymyzyň Ýaragly Güýçleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň barha kämilleşdirilýändiginiň, harby gullukçylaryň we olaryň maşgala agzalarynyň gulluk, ýaşaýyş-durmuş şertleriniň barha gowulandyrylýandygynyň aýdyň güwäsine öwrüldi.

Serhetçileriň höwesjeň toparlarynyň ýerine ýetiren aýdym-sazlary, harby orkestriň çykyşy hem-de eziz Watanymyza bolan söýgini wasp edýän sahna eserleri dabaranyň ruhubelentligini has-da artdyrdy. Ýerine ýetirilen kompozisiýalarda ýurdumyzyň gazanýan üstünlikleri, döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan il-ýurt bähbitli işleri, Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary öz beýanyny tapdy.

Täze toplum bilen tanyşlyk dolandyryş binasynyň tehniki taýdan üpjünçiligini, şol sanda häzirki zaman enjamlaryny synlamakdan başlandy. Ol ýokary halkara ölçeglere doly laýyk gelýär. Täze tehnologiýalaryň, sanly ulgamyň, elektron kartanyň kömegi bilen Hazar deňzindäki ýolagçy we harby gämileriň hereketlerini synlamak, olaryň ýangyç we suw üpjünçiligini kesgitlemek bolýar.

Dolandyryş bölüminde alnan maglumatlar toplanylýar, işlenilýär hem-de harby gullukçylaryň ygtyýaryndaky tehniki serişdeleriň kömegi bilen bellenen ýerlere gyssagly iberilýär.

Harby gullukçylaryň syýasy-ynsanperwer, beden, taktiki we söweşjeň taýýarlygynyň derejesini ýokarlandyrmak, şeýle hem olary watançylyk ruhunda terbiýelemek döwlet serhediniň mizemezligini, eldegrilmesizligini üpjün etmek işinde esasy talaplaryň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz bu ugurda zerur bolan işleriň guralmagyna aýratyn üns berýär.

Şundan ugur alnyp, toplumyň çäginde okuw binasy göz öňünde tutulypdyr. Bu bina hem iň täze tehnologiýalar bilen üpjün edildi. Sanly ulgamyň we okatmagyň öňdebaryjy usullarynyň ulanylmagy harby gullukçylara döwrebap bilimleri, harby gämileridir ugurdaş tehnikalary dolandyrmak başarnygyny ele almaga, deňiz giňişligine gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär.

Soňra dabara gatnaşyjylar toplumyň çäginde ýerleşýän gämi duralgasyna tarap ugradylar. Zerur bolan enjamlar bilen üpjün edilen bu duralga gämileriň hem-de katerleriň howpsuz gelip durmagy üçin bildirilýän talaplara we kadalara laýyk gelýär.

Bu ýerde Türkmenistanyň Döwlet senasynyň owazynyň astynda Döwlet baýdagy belende galdyrylýar.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna doly laýyk gelýän we diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrina laýyklykda, Watanymyzyň deňiz serhetleriniň howpsuzlygyny üpjün etmek döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, häzirki döwürde Milli goşunymyzyň beýleki kysymlary bilen bir hatarda, iň täze tehnikalar we enjamlar, dürli görnüşli gämiler bilen üpjün edilmeginiň hasabyna, şeýle hem öz gämilerimizi gurmak arkaly ýurdumyzyň Harby-Deňiz Güýçleriniň maddy-enjamlaýyn binýady barha pugtalandyrylýar.

Dabaranyň barşynda ýygnananlar deňiz serhetçileriniň ygtyýarynda bar bolan ýokary tizlikli gäminiň tehniki görkezijileri we aýratynlyklary bilen tanyşdyryldy. Dürli görnüşli döwrebap katerleriň we gämileriň kömegi bilen deňizçiler mukaddes borçlaryny birkemsiz berjaý edip, Türkmenistanyň deňiz serhetleriniň ygtybarly goralmagyny üpjün edýärler. Toplumyň çäginde zerur bolan enjamlar bilen üpjün edilen ýatakhananyň binasy ýerleşýär. Bu ýerde deňizçi serhetçileriň göwnejaý dynç almaklary, wagtlaryny peýdaly geçirmekleri üçin ähli zerur şertler döredilipdir, okuw otaglary hem-de beýleki durmuş maksatly otaglar göz öňünde tutulypdyr. Şunuň bilen birlikde, «Galkynyş» otagy, baý gaznasy bolan döwrebap kitaphana hem harby gullukçylaryň ygtyýaryndadyr. 2

## «Ýewropanyň ýaşyl paýtagty» belli bolar

Gras (Awstriýa), Gimaraýnş (Portugaliýa) we Wilnýus (Litwa) 2025-nji ýylda «Ýewropanyň ýaşyl paýtagty» adyna dalaşgär boldy.




4

## Mekdep egin-eşiklerini nähili saýlamaly?!



Okuw ýylynyň golaýlamagy bilen ene-atalar çagalaryň egin-eşiklerini we okuw esbaplaryny taýýarlamaga girişýärler. Eýsem, çagalara okuw eşikleri, aýakgap we ýantorba saýlananda nämelere üns bermeli?!

5

## «Barbi» – girdejisi 1 milliard dollardan geçen 53-nji kino



Zenan režissýor Greta Gerwig tarapyndan ekranlaşdyrylan «Barbi» filminiň häzirlikçe tutuş dünýä boýunça girdejisi 1 milliard 187 million dollara deňdir.

6

## Türkmenistanyň milli çempionaty dowam edýär



Türkmenistanyň futbol çempionatynda 12-13-nji tapgyrlaryň hersinde 3 duşuşyk geçirildi. 12-nji tapgyrda ýer eýeleri ýeňiş gazanan bolsa, 13-nji tapgyryň 2 duşuşygynda myhmanlar üstün çykdy.

7

## Dron bilen poçta gatnadylar

Ululy-kiçili uçýan enjamlar soňky ýyllaryň iň täsirli tehnologik oýlap tapyşlarynyň biri bolsa gerek. Bu enjamlar dürli pudaklarda ulanylyp, adam zähmetini ýeňilleşdirmäge ýardam edýär. Angliýanyň poçta gullugy ýurduň demirgazyk-gündogaryndaky Orkni adalarynda dronlaryň hyzmatyndan peýdalanyp başlady. Gulluk ýurduň beýleki ýerlerinde bolşy ýaly, bu



adalarda hem hepdäniň alty güni işleýär. Dronlar arkaly kiçi adalara hatlar we kiçi göwrümli poçtalar iberilip başlandy. Gämileriň ýerine ulanylýan täze usul bilen poçtalaryň salgysyna bir gün ir barjakdygy bellenilýär. Esasan hem, Graemsey we Hoý adalaryna poçtalar ýolagçy gämileri arkaly ugradylýardy. Indi bolsa bu adalarda ýaşaýan 300 töweregi ilata alty kilograma golaý bolan ýükler dronlar arkaly iberiler. Synag maksady bilen ýola goýlan düzgün 3 aý dowam eder. Mälim bolşy ýaly, bu enjamlary dolandyrmak üçin ýörite hünärmenler gerek. Poçta gullugynyň dron dolandyryjy işgärleri her anna güni adanyň ýaşaýjylaryna gowrulan balyk we kartoşka ugratmagy hem meýilleşdirýär. Şeýlelikde, dron hyzmatyna bolan islegiň ýokary bolmagyna garaşylýar.

## Ýylyň iň gowy suwasty fotosuratlary saýlandy

**Ýylyň iň gowy suwasty fotosuratlary (The 2023 Underwater Photography Of The Year) bäsleşiginiň ýeňijileri mälim edildi. Ýaryşa dünýäniň 72 ýurdundan 6 müňden gowrak fotosuratçy gatnaşypdyr. Birinji orna Günüň ýaşýan çagy düşürilen delfiniň suraty mynasyp boldy.**



**Ýaryşa ummanlaryň, deňizleriň, kölleriň we derýalaryň suratlary, umuman suwda düşürilen suratlar iberilýär. Hatda ýüzülýän howuzda düşürilen suratlar hem iberilipdir. Emin agzalary bu ýylky ýaryşa rekord derejede ýüztutmany kabul edendiklerini belleýärler. Suratlarda ösümlikleriň, haýwanlaryň, adamlaryň, suwuň düýbüne batan gämileriň we uçarlaryň, suwasty gowaklaryň we beýlekileriň bardygy bellenilýär. Suratlar Arktikada, Antarktidada we ikisiniň aralygyndaky ummanlarda has köp düşürilipdir. Şeýle hem dünýäniň iň uly köli hasaplanýan Baýkal kölünde düşürilen suratlar hem bar. Baş baýraga bolsa Amazonka derýasynda düşürilen surat mynasyp görlüpdir.**

**Suratlarda kiçijik balyjaklar, leňňeçler, hamana guşuň uçuşy ýaly hereket etmegi bilen tapawutlanýan deňiz tilkisi we suwasty tokaýlar bar.**

**Agamyrat ÝAZGULYÝEW,**
***Ak bugdaý etrabyndaky Çagalar sungat mekdebiniň müdiri.***

## Garaşylandan ýokary boldy

Hytaýyň bölek söwda bilen meşgullanýan «Alibaba Group Holding» kompaniýasynyň ýylyň birinji çärýegindäki girdejisiniň garaşylandan ýokary bolup, 234,16 milliard ýuana (32,3 milliard dollar) ýetendigi mälim edildi. Maliýe bilermenleri bu görkezijiniň 223,75 milliard ýuan (30,86 milliard dollar) bol-




jakdygyny çaklapdylar. Kompaniýanyň arassa girdejisi bolsa, 50 göterim artyp, 34,3 milliard ýuana ýetipdir. Daşary ýurtlarda hem iş alyp barýan kompaniýanyň öz ýurdunda elektron söwdadan alan girdejisi 13 göterim ýokarlanypdyr. Şeýle hem «Alibaba»-nyň ABŞ-daky paýnamalary 4 göterim gymmatlady.

24 ýyl ozal döredilen «Alibaba Group» şu ýylyň mart aýynda kompaniýany önümçilik we hyzmat edýän ugurlaryna görä alty şerekete böljekdigini, her bir şereketiň aýratyn dolandyryjylar geňeşiniň boljakdygyny mälim edipdi.

# ÝARAGLY GÜÝÇLERIMIZIŇ MADDY-ENJAMLAÝYN BINÝADY BERKIDILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu bolsa deňizçi serhetçileriň medeniýetli dynç almaklaryna hem-de özlerini gyzyklandyrýan maglumatlar bilen tanşyp, bilimlerini artdyrmaklaryna ýardam edýär. Umuman, täze binalar toplumynda serhetçileriň boş wagtlaryny peýdaly geçirmekleri, edebiýat, çeper döredijilik bilen gyzyklanmaklary üçin ähli mümkinçilikler döredilipdir. Täze desgalaryň hatarynda halkara standartlara laýyk gelýän öňdebaryjy enjamlar bilen üpjün edilen lukmançylyk bölümi hem bar. Bu ýerde lukmanlar tarapyndan serhetçilere we olaryň maşgala agzalaryna ýokary hilli hyzmatlaryň edilmegi üçin ähli şertler döredildi.

Desgalaryň hatarynda otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan 48 öýli, üç gatly ýaşaýyş jaýlarynyň ikisi bar. Olarda Watan goragçylarynyň ähli amatlyklaryň hözirini görüp ýaşamaklary üçin zerur şertler göz öňünde tutuldy.

Dabaraly çäräniň çäklerinde Döwlet serhet gullugynyň täze desgalar we binalar toplumyna hormatly Prezidentimiziň adyndan awtoulag serişdeleri gowşuryldy.

Umuman, şu dabaraly waka Harby doktrinanyň wezipeleriniň, şol sanda Ýaragly Güýçlerimiziň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, şeýle hem harby gullukçylaryň gulluk we ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak boýunça wezipeleriň üstünlikli çözülýändiginiň nobatdaky aýdyň güwäsine öwrüldi.

# AŞGABATDA KURAŞ BOÝUNÇA DÜNÝÄ ÇEMPIONATY GEÇIRILER





**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Halkara kuraş assosiasiýasynyň prezidenti Haýder Farman öz çykyşynda Aşgabatda geçiriljek Kuraş boýunça Dünýä çempionatynyň taýýarlygyna ýokary baha berdi we Türkmenistanda Olimpiýa hereketini ösdürmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak, sportda ýaş zehinleri öňe çykarmak we olar üçin amatly şertleri döretmek babatda toplumlaýyn işleriň amala aşyrylýandygyny, Türkmenistanyň iri halkara ýaryşlary geçirmekde tejribesiniň bardygyny nygtady we bu iri ýaryşy Aşgabadyň Olimpiýa şäherçesiniň ajaýyp sport desgalarynyň birinde geçirmäge döredilen mümkinçilik üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Serdarymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Çykyşlardan soň Halkara kuraş assosiasiýasynyň, Türkmenistanyň Kuraş göreş federasiýasynyň, şeýle hem Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň ýolbaşçylary 2023-nji ýylda Kuraş boýunça XIV Dünýä çempionatyny Aşgabat şäherinde geçirmek barada Ylalaşyga gol çekdiler. Dünýä çempionatynyň geçirilmegi bilen bagly meseleleriň ähli aýratynlyklaryny öz içine alýan Ylalaşyk ýaryşyň ýokary guramaçylykly geçirilmegini üpjün etmek bilen birlikde, bu ugurdaky işleriň ähli görnüşini düzgünleşdirýär.

Resminama görä, 2023-nji ýylyň 23-28-nji noýabrynda Aşgabat şäheriniň Olimpiýa şäherçesindäki söweş sungaty sport toplumynda Kuraş boýunça XIV Dünýä çempionaty geçiriler. Sportuň bu görnüşi boýunça Dünýä çempionatynyň biziň ýurdumyzda ilkinji gezek geçiriljekdigini bellemelidiris.

Gol çekişlik dabarasyndan soň Aşgabadyň nobatdaky Dünýä çempionatynyň geçiriljek şäheri hökmünde türkmen tarapyna dabaraly ýagdaýda Halkara kuraş assosiasiýasynyň baýdagy gowşuryldy.

Geçen ýyl Kuraş boýunça Dünýä çempionaty Hindistanyň Pune şäherinde geçirildi, onda 60 ýurduň wekilleri bäsleşdiler. Oňa Türkmenistandan 13 pälwan (7 erkek we 6 zenan) gatnaşyp, olaryň üçüsi medallar bilen dolandy.

Türkmenistanyň toparyndan 48 kilograma çenli agram derejesinde kümüş medaly Lebap welaýatynyň esasy bedenterbiýe we sport bölüminiň 2-nji sport mekdebiniň tälimçisi Aýşirin Haýdarowa gazandy, bürünç medallara bolsa Lebap welaýatynyň 7-nji sport mekdebiniň tälimçisi Aýnur Amanowa (52 kilograma çenli agramda) we Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby Aziza Kurbanowa (78 kilograma çenli agramda) dagylar eýe boldular.

# SEKUNTDA ÜÇ SAÝT DÖREDILÝÄR

Ilkinji internet saýty 1991-nji ýylyň awgustynda angliýaly Tim Berners-Li tarapyndan döredildi. Geçen 32 ýylyň dowamynda internet sahypalarynyň sany bir milliarddan geçdi. Häzirki wagtda internet gündelik durmuşyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Häzirki zamanyň iň uly açyşlarynyň biri hasaplanýan internet giň maglumat gory hökmünde hyzmat edýär. Bu açyş söwda, okuw, güýmenje ýaly örän giň ugurlarda peýdalanylýar. «Covid-19» pandemiýasy döwründe bolsa, adamlaryň bir-birine fiziki taýdan ýakynlaşmazdan işleşmeklerine mümkinçilik döredip, keseliň ýaýramagynyň öňüni almaga, şeýle hem birnäçe işi aňsat we arzan ýerine ýetirmäge sebäp boldy.

Internetiň ulanylyşy bilen bagly maglumatlary ýaýradýan «siteefy» saýtynyň maglumatyna görä, dünýäde 1 milliard 106 million 671 müň 903 web sahypasy bar. Bu web sahypalarynyň 18 göterimi (201 million 898 müň 446) işjeň ýagdaýda ulanylýar, 82 göterimi bolsa, işjeň ulanylmaýar. Her günde 252 müň täze sahypa açylýar. Bu görkeziji her sagatda 10 müň 500, minutda 175, sekuntda 3 web sahypasynyň açylýandygyny aňladýar.

«Similarweb.com» saýtynyň maglumatlaryna görä, dünýäde iň köp girilýän web sahypasy «google.com» bolupdyr. Sanawyň soňky basgançaklaryny degişlilikde, «youtube.com»,





«facebook.com», «instagram.com» we «twitter.com» ýaly jemgyýetçilik torlary eýeleýär.

Ulanyjylaryň her web sahypada näçeräk wagt geçirýändikleri hem hasaplanypdyr. Her bir «google» ulanyjysy bir gezekde ortaça 10 minut 38 sekunt wagt geçirýär. Bu görkeziji «Youtube»-da 20 minut 25 sekunt, «Facebook»-da 10 minut 43 sekunt, «Instagram»-da 8 minut 22 sekunt we «X»-da (ozalky «Twitter») 10 minut 47 sekunt.

«Statista» saýtynyň maglumatlaryna görä, şu ýylyň aprel aýynda dünýä ilatynyň 64,9 göterimi (5,18 milliard) üçin internet elýeterli bolup durýar. Dünýä ilatynyň 59,9 göterimi (4,8 milliard) jemgyýetçilik torundan peýdalanýar. Maglumatda Demirgazyk Ýewropanyň dünýäde internet elýeterliligi iň ýokary sebitdigi bellenilýär.

Ýurtlar babatda aýdylanda bolsa, Norwegiýa, Saud Arabystany we Birleşen Arap Emirlikleri ilatynyň 99 göterimi internete elýeterliligi bolan ýurtlar hökmünde dünýäde öňdäki orunlary eýeleýär. Ýklymlaryň arasynda Aziýa 2,93 milliard ulanyjy bilen öňe saýlanýar. 750 million internet ulanyjysy bolan Ýewropa bu ugurda ikinji bolupdyr.

# ULY GIRDEJI GAZANDY

Dünýäniň iň uly maýa goýum gaznasy hasaplanýan Norwegiýanyň döwlet pensiýa gaznasy şu ýylyň birinji ýarymynda 10 göterim girdeji gazanandygyny mälim etdi. 1,4 trillion möçberinde maýasy bolan gazna alty aýyň dowamynda 143 milliard dollar peýda gazanypdyr. Gaznanyň ýaýradan maglumatyna görä, degişli döwürde paýnamalardan 14 göterime golaý, yzygiderli girdeji getirýän maýa goýumlardan 2,3 göterim peýda görlüpdir.



Bu gaznada ýurduň nebit-gaz pudagyndan alýan girdejileri maýa goýum maksady bilen ulanylýar. Gazna iň köp «Apple», «Microsoft» we «Alphabet» kompaniýalarynyň paýnamalaryny, şeýle hem ABŞ, Ýaponiýa we Germaniýa döwletleriniň gymmatly kagyzlaryny ygtyýarynda saklaýar.

Şeýle hem şu ýylyň iýun aýyna çenli ýurduň häkimiýetleri gazna 389 milliard kron maýa goýum gönükdiripdir.

Doly ady «Norges Bank Investment Management» (NBIM) bolan gazna 1990-njy ýyllarda ýurduň nebit-gaz pudagyndan alýan girdejilerini daşary ýurtlarda maýa goýmak arkaly girdeji çeşmesine öwürmek maksady bilen esaslandyrylýar. Häzirki wagtda gazna dünýäniň iň uly paýnama eýe bolan edarasy hasaplanýar.

Gazna Norwegiýanyň parlamenti tarapyndan taýýarlanan indekse görä hereket edýär. Gaznanyň gymmatynyň 71,3 göterimini paýnamalar, 26,4 göterimini yzygiderli girdejiler we 2,3 göterimini gozgalmaýan emläkler emele getirýär.

## Sürüjisiz ulaglaryň gije-gündiz işlemegine rugsat berildi

**ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynyň San-Fransisko şäheriniň jemagat hyzmatlary geňeşi sürüjisiz taksi hyzmatlarynyň giňeldilmegine rugsat berdi. Şeýlelikde, «Cruise» hem-de «Waymo» kompaniýalary şäherde hepdäniň ýedi güni, günüň 24 sagady tölegli taksi hyzmatyny ýola goýup bilerler. Tölegli hyzmat edýän sürüjisiz taksiler robotaksi diýlip atlandyrylyp, soňky ýyllarda dünýäniň tehnologiýa babatda ösen käbir şäherlerinde hödürlenip başlandy. Robotaksi ulaglary şäheriň degişli infrastruktura ornaşdyrylan köçelerinde tölegli hyzmaty sürüjisiz ýagdaýda amala aşyrýarlar. Ondan peýdalanmak üçin el telefonyňa degişli mobil goşundyny**



**ýükläp, öz ýanyňa çagyrmak ýeterlik. Gitjek ýeriňi hem degişli mobil goşundy arkaly bellemeli. Dürli kameralar we beýleki howpsuzlyk enjamlary bilen üpjün edilen ulag ýoluny internet aragatnaşygy arkaly tapýar.**

**Taksiçilik hyzmatyny hödürleýän «Cruise LLC» kompaniýasy ABŞ-nyň «General Motors Co.» awtoulag öndürijisine, «Waymo» bolsa, «Alphabet Inc.» tehnologiýa kompaniýasyna degişlidir. Täze karara görä, sürüjisiz ulaglaryň hyzmat ediş çägi hem giňeldildi.**

**«Waymo»-nyň 200 töweregi, «Cruise»-yň 300 töweregi sürüjisiz hereket edip bilýän awtoulagy bar. Häzirki wagtda bu taksiler belli ýerlerde ulanylyp bilinýär. Ilkibaşda sürüjisiz ulaglara howpsuzlyk üçin sürüjiniň oturgyjynda bir işgäriň oturmagy şerti bilen rugsat berlipdi.**

## Demirgazyk deňiz ýolunda gatnaw artýar

Ýewropa bilen Aziýany Arktika arkaly birikdirýän demirgazyk deňiz ýolunda gatnawyň artýandygy mälim edildi. Demirgazyk buzly ummanyň içinden geçýän bu ugur, esasan, ýük gatnawlary üçin peýdalanylýar. Uzynlygy 5 müň 600 kilometre barabar bolan ugur Barens deňzinden Bering aýlagyna çenli dowam edýär. Aziýa bilen Ýewropanyň aralygynda iň gysga ýol bolan bu ugur ýylyň köp wagtynda garly we buzly bolýar. Şeýle-de bolsa, buz döwüji gämiler



bilen bu ýol gysga wagtda geçilýär. Bu bolsa, ýangyjy we wagty tygşytlamaga ýardam edýär. Russiýanyň Murmansk şäherindäki portdan Ýaponiýanyň Ýokohama portuna demirgazykdan gidýän gämiler 6 müň deňiz mili ýol geçýän bolsa, bu aralyga günortadan gidilende 13 müň mil ýol ýöremeli bolýar. Hytaý, Ýaponiýa we Koreýa Respublikasy ýaly ýurtlar bu ugur arkaly Ýewropa haryt iberýärler. Demirgazyk deňzinden şu ýylyň ahyryna çenli 36 million tonna ýük daşalmagy, geljek ýyl bolsa bu görkezijiniň 80 million tonna ýetmegine garaşylýar. Tehnologiýanyň ösmegi netijesinde garly we buzly suwlarda hereket edýän has uly gämileriň peýda bolmagy bilen bu ugurdaky ýük gatnawynyň artjakdygy bellenilýär.

**Ahmet REJEPOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdiriginiň harby gullukçysy, kapitan.*

## «Luna-25» Aýyň orbitasyna girdi

**16-njy awgustda Russiýanyň «Luna-25» awtomat stansiýasy Ýeriň tebigy hemrasynyň orbitasyna baryp ýetdi. Munuň üçin enjamyň hereketlendirijileri doly güýjünde işe girizildi. Bu barada «Roskosmos» döwlet korporasiýasy habar berdi.**

**Döwlet korporasiýasynyň beýanatynda Russiýanyň häzirki taryhynda ilkinji gezek Aýyň orbitasynda awtomatik stansiýanyň işe girizilendigi bellenilýär. «Roskosmos»-yň**



**maglumatlaryna görä, «Luna-25» ulgamlarynyň hemmesi kadaly ýagdaýda işleýär, onuň bilen aragatnaşyk durnukly. Döwlet korporasiýasy nawigasiýa parametrleriniň hem ölçelýändigini habar berdi.**

**11-nji awgustda Russiýanyň häzirki taryhynda ilkinji gezek «Wostoçnyý» kosmodromyndan «Luna-25» awtomatik stansiýasy berkidilen «Soýuz-2.1b» göteriji raketasy Ýeriň tebigy hemrasyna uçuryldy. Missiýanyň çäginde ýumşak gonmak tehnologiýasyny kämilleşdirmek, seljeriş üçin toprak almak we uzak möhletli ylmy gözlegler geçirmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem missiýanyň çäklerinde Aýyň Günorta polýusynyň sebitindäki regolitiň ýokarky gatlagyny, şeýle hem Aý ekzosferasyny öwrenmek meýilleşdirilýär.**

**Agramy 800 kilogram töweregi bolan dört aýakly «Luna-25» Aýyň içki gurluşynyň we Aýdaky çeşmeleriň öwrenilmegi maksady bilen işlenip taýýarlandy.**

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 18-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112249

Belgisi: 33/1547
Tiražy: 8316
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# ÇAGALARYŇ SAGLYGY BARADAKY ALADA – BAGTYÝAR GELJEGIŇ BINÝADY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ak mermerli binalara täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, daşky gurşaw üçin zyýansyz elektromobilleriň we elektrobuslaryň hereket etmegi, «akylly» öý hyzmatlaryndan peýdalanylmagy milli binagärligiň ajaýyp nusgasy bolan Arkadag şäheriniň ekologiýa taýdan arassadygyny alamatlandyrýan esasy aýratynlyklardyr. Täze şäherde ylym-bilim, medeni maksatly binalar, döwrebap ýaşaýyş jaýlary bilen birlikde, saglyk we sport ulgamyna degişli desgalar ýerleşýär.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy, Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalary esasynda bina edilen Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň açylyş dabarasy Watanymyzyň iň täze taryhynyň şöhratly sahypasy bolup, her birimiziň buýsançly başymyzy göge ýetirdi.

Bagtyýar çagalygyň ýurdy bolan Garaşsyz Watanymyzda Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Serdarymyz tarapyndan çagalar barada hemmetaraplaýyn alada edilýär. Nurana geljegimiz bolan ýaş nesliň beden we ruhy taýdan sagdyn ösmekleri üçin ähli şertler döredilýär. Halkymyzyň arasynda: «Saglyk bolsa, beglik bolar» diýilýär. Saglyk bar ýerinde abadançylyk, bagtyýarlyk bar.

Häzirki wagtda Arkadag şäherinde 6 sany lukmançylyk edarasy guruldy. Geljekde bu ýerde ençeme saglyk merkezleri, şol sanda eneler we çagalar üçin saglyk merkezi dörediler. Ýurdumyzdaky ilkinji «akylly» şäheriň saglygy goraýyş ulgamynyň desgalary iň ýokary halkara ülňülerine laýyk gelýär.

Özünde birnäçe desgalary birleşdirýän Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi täze şäheriň durmuş düzüminiň möhüm bölegi bolup durýar. Şeýle hem 350 orunlyk Köpugurly hassahana, 150 orunlyk Onkologiýa merkezi, 150 orunlyk Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezi, Tiz kömek merkezi, Saglyk öýi bar. Dünýäniň meşhur önüm öndürijileriniň iň döwrebap enjamlary bilen üpjün edilen bu desgalaryň ählisi Arkadag şäheriniň Saglygy goraýyş müdirliginiň binasy we oňa ýanaşyk binalardan ybaratdyr. Şäheriň saglygy goraýyş





edaralarynda dürli ugurly ýokary hünärli hünärmenler işleýärler. Bu ýerde dürli keselleriň öňüni almak, anyklamak we bejermek üçin ähli şertler döredildi. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň we hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde, Arkadag şäheri ýurdumyzyň jemgyýetçilik-saglygy goraýyş ulgamynda gazananlarynyň, bu ulgama öňdebaryjy usullary we tehnologiýalary, şol sanda sanly ulgamy üstünlikli ornaşdyrmagyň aýdyň mysalyny alamatlandyrýar.

Şeýle hem Arkadag şäherinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ştab-kwartirasynyň ýerleşýändigini aýratyn bellemek gerek. Bu haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan ýurdumyzyň köp sanly ýaşajyk körpe nesillerine ýokary derejeli lukmançylyk kömegi berildi we bu sogap iş dowam etdirilýär.

Lukman Arkadagymyzyň tagallasy bilen ýurdumyzda çagalaryň saglygy, olaryň sazlaşykly ösüşi bilen baglanyşykly meseleler döwletimiziň hemişelik üns merkezinde durýar. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan ýaş türkmenistanlylara hemişe kömek bermek ugrunda tagalla edilýär.

Şeýle hem bu haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň agzalary hossarsyz galan çagalara at dakýarlar, olary atalyk mähri bilen gurşap alyp, bu meselelere jogapkärçilikli we hemmetaraplaýyn çemeleşýärler.

Milli Liderimiziň başlangyjy bilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmegi ajaýyp döwrümiziň möhüm wakasy boldy.

Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynda bina edilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi hemaýata mätäç çagalara kömek bermek boýunça giň gerimli işleri ilerletmekde ägirt uly mümkinçilige eýe bolup, mümkinçiligi çäkli bolan çagalaryň saglygyny dikeldiş işlerini utgaşykly alyp barmak arkaly, olaryň adaty durmuşa goşulmagyny üpjün etmek üçin zerur bolan ähli döwrebap şertleri özünde jemleýär.

**Jamal MANAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# TÄZE OKUW ÝYLYNA TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Golaýda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hormatly Prezidentimiz mekdep harytlarynyň söwdasyny guramak boýunça alnyp barylýan işler barada belläp, mekdep bazarlarynyň ýerleşdirilýän ýerleriniň





alyjylar üçin amatly bolmalydygyna hem-de olarda harytlaryň bolçulygynyň üpjün edilmegi ugrunda ähli çäreleri görmegiň zerurdygyna ünsi çekdi. Häzirki günlerde ýurdumyzyň ähli künjeginde hereket edýän söwda nokatlarynda mekdep bazarlary işleýär, bu ugurda ýöriteleşdirilen dükanlarda hem mekdep harytlarynyň giň görnüşi ilatymyza hödürlenýär.

Täze okuw ýylyna taýýarlyk görýän okuwçylardyr talyp ýaşlar, ak mekdebiň bosagasyndan ilkinji gezek ätlejek körpeleriň ene-atalary mekdep bazarlaryndan, ýöriteleşdirilen dükanlardan gerekli okuw esbaplaryny satyn alýarlar. Bu ýerlerden okuw esbaplarynyň dürli görnüşlerini satyn almak bolýar. Mekdep okuwçylarydyr talyp ýaşlar üçin niýetlenen okuw esbaplary özüniň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Olaryň arasynda oglanlar we gyzlar üçin ýokary hilli materiallardan öndürilen ýantorbalar, ýurdumyzyň taryhy ýadygärlikleri, paýtagtymyzyň owadan binalarynyň şekilleri bilen bezelen depderler we beýleki okuw esbaplary bar. Dürli okuw derslerine niýetlenip öndürilen depderler, şeýle hem sözlükdir kartalar ýaşlaryň okuwa bolan höwesini artdyrýar. Okuw esbaplarynyň ählisini mekdep bazarlaryndan we ýörite dükanlardan elýeterli bahadan satyn almaga hemme mümkinçilikler döredilen. Biziň «Galam» dükanymyz hem indi birnäçe ýyl bäri kanselýariýa harytlary, okuw esbaplary, baýramçylyklar we belli seneler üçin sowgatlyklar satylýan iň uly dükanlaryň biri bolup, ilatymyza ýokary derejede hyzmat edip gelýär hem-de ýyl-ýyldan öz işini kämilleşdirip, hyzmatlaryň gerimini giňeldýär.

Okuw ýylynyň başynda bellenilýän Bilimler we talyp ýaşlar gününde birinji synp mekdep okuwçylaryna döwlet Baştutanymyzyň adyndan ajaýyp sowgadyň – programma üpjünçilikli kompýuteriň gowşurylýandygyny bellemek gerek. Ýurdumyzda mugallymlaryň ukyp-başarnyklaryny hem-de döredijilik mümkinçiliklerini açyp görkezmek, olaryň hünäriniň abraýyny ýokarlandyrmak, öňdebaryjy tejribelerini wagyz etmek maksady bilen, Bilim ministrligi tarapyndan «Ýylyň mugallymy» hem-de «Ýylyň terbiýeçisi» atly döwlet bäsleşikleri geçirilýär.

2022-nji ýylyň 19-njy martynda hormatly Prezidentimiz iň ýokary döwlet wezipesine girişmek dabarasynda eden çykyşynda milli bilim ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek, ýokary hünärli, maksada okgunly, giň gözýetimli, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek boýunça ähli tagallalaryň ediljekdigini aýratyn nygtady. Watanymyzyň ykbaly, häzirki we geljek nesilleriň bagtyýarlygy ugrunda tagalla edýän döwlet Baştutanymyzyň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Döwlet ÖWLÝAGULYÝEW,**
*telekeçi,*
*Aşgabat şäheriniň*
*Halk Maslahatynyň agzasy.*

Türkmenistany temmäkiden azat ýurda öwürmek boýunça 2022–2025-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasy hereketde

# Temmäki önümleriniň adam bedenine zyýanly täsiri

**Sagdyn durmuş ýörelgesi häzirki döwrüň möhüm meseleleriniň biridir. Zyýanly endikleriň biri bolan, düzüminde temmäki saklaýan serişdeleri çekmeklige garşy guramaçylykly göreş çäreleriniň jemgyýetiň sagdynlaşmagy üçin möhüm ähmiýeti bardyr. Ilatymyzyň saglygyny goramak üçin, ilkinji nobatda, ýaş nesli ýaramaz endiklerden goramak gerek. Çünki ýaşlyk döwründe dürli sebäpler bilen ýüze çykýan bu endikler, soňlugy bilen ynsanyň erkini elinden alyp, onuň saglygyna düýpli zyýan ýetirýär.**

**Çilim çekýän adam temmäkiniň tüssesi bilen bilelikde nikotini, sinol turşusyny, bogujy gazlary, benzopirini, poloniý we şoňa meňzeş radioaktiw elementleriň kirşenini öz içine dartýar. Çilim çekilende bu maddalaryň 25 göterimi ýanýar, 50 göterimi tüsse görnüşinde daşky gurşawa ýaýraýar, 5 göterimi çilimiň galyndysynda galýar, 20 göterimi bolsa öýkeniň üsti bilen adamyň bedenine düşýär we ony zäherleýär. Çilimiň tüssesi adam bedenine zäherleýji täsir edýär:**

**☑ Çilim çekýän adamlaryň aglabasy dowamly bronhit bilen keselleýär. Öýkeniň howply täzedöreme kesellerine ýolugýan hassalaryň agramly bölegi çilimkeşlerdir.**

**☑ Çilim çekýän adamlarda miokardyň infarkty, gipertoniýa, stenokardiýa, miokardiodistrofiýa çilim çekmeýän adamlar bilen deňeşdirilende 8 göterim köp duşýar. Çilimkeşleriň köpüsi endoarteritden ejir çekýär.**

**☑ Çilim çekýänleriň arasynda kariýes (diş çüýremesi), gastrit (aşgazanyň nemli bardasynyň gaýnaglamasy), aşgazanyň we oniki barmak içegäniň başly (ýara) keselleri köp duş gelýär. Çilimkeşleriň 4 göterimi bagyr sirrozyna duçar bolýar.**

**Çilim çekýän adamlaryň köpüsiniň göreji ir kütelýär, eşidiş, tagamy duýuş we ys alyş ukyby görnetin peselýär. Çilimkeşleriň çagalarynyň arasynda dogabitdi näsazlyklar, dürli kemislikler bilen dogulýanlary hem duş gelýär.**

**Öýde, iş ýerinde, köpçülik ýerlerinde çilim çekýän çilimkeşiň ýanynda çilim çekmeýän adamyň bolmaly bolýan ýagdaýyna «passiw çilimkeşlik» diýilýär. Passiw çilimkeşlik örän howply bolup, beýle adama çilim çekýäniň özünden artyk zelel ýetýär. Munuň özi çilimiň öçmedik odunyň tüssesinde iň zyýanly himiki birleşmeler bolan kanserogen (ýagny, howply çiş keselleriniň döremegine getirýän) maddalaryň has köp bolmagy bilen düşündirilýär. Passiw çilimkeşlik ylaýta-da kiçi çagalar, ýetginjekler we göwreli zenanlar üçin howpludyr, sebäbi olaryň öýkeniň dowamly we onkologiki kesellerine, süýt mäzleriniň howply täzedöremelerine, ýürek-gan damar ulgamynyň kesellerine duçar bolmak ähtimallygy has ýokarydyr.**

**Adamyň bedeninde çilimiň zäherleýji täsirine duçar bolmaýan agza ýokdur. Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň maglumatlaryna görä, çilimkeşlik ömür tanapynyň wagtyndan ir üzülmegine getirýän sebäpleriň biridir. Sagdyn durmuş ýörelgesine eýerip ýaşaýan maşgaladaky adamlar çilim çekýän maşgaladakylara seredeniňde birnäçe ýyl uzak ýaşaýar.**

**Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň başlangyçlary esasynda, her ýylyň 31-nji maýy Bütindünýä çilimkeşlige garşy göreş güni diýlip yglan edildi. Çilimkeşleriň aglabasy öz zyýanly endiginden saplanmagy köplenç başarmaýarlar. Şonuň üçin hem çilimkeşlere psihoterapewte ýa-da narkologa ýüz tutmak maslahat berilýär.**

**Tohta ÝAZMEDOWA,**
***Halkara şikesleri bejeriş merkeziniň fizioterapiýa we bedenterbiýe bejeriş bölüminiň lukmany.***

# AKSARAÝ DIŇ ÝADYGÄRLIGI

Irki orta asyr arhitektura-arheologik ýadygärlikleriň biri bolan gadymy Saraý köşkler toplumynyň sudurlary Görogly etrabynyň Aksaraý geňeşliginiň Aksaraý obasynyň gündogarynda ýerleşýär. Bu meşhur we şöhratly binagärçilik toplumy etrap merkezinden 18 kilometr demirgazyk-gündogar tarapda ýerleşmek bilen, onuň medeni gatlaklarynyň birinji tapgyrynyň ýaşy VIII asyr bilen senelenýär.

Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda möhüm, ösen syýasy, medeni, söwda ojaklarynyň biri hasap edilen Saraý ýadygärliginiň ady orta asyr taryhy, edebi çeşmelerde, nusgawy edebiýatyň wekilleriniň gazallarynda, ýol ýazgylarynda Aksaraý, Aksaraý diň, Aksaraý köşkler toplumy, Aksaraý kerwensaraýy ýaly görnüşlerde hem duş gelýär. Yşk mülküniň şasy Mollanepes özüniň «Tapylmaz» atly şygrynda toýun-kerpiç ýazgylaryndan başlanan taryhyň gadymy merjen sebitini, bu ýadygärligi – Saraý köşkler toplumyny Aksaraý görnüşinde wasp edipdir.

Sebitleriň jemgyýetçilik durmuşynda uly orun tutan irki orta asyr arhitektura-arheologik Aksaraý diň ýadygärligi bilen Özbegistanyň Hankah şäheriniň aralygy 30 kilometre, Hazarasp şäheri bilen aralygy 35 kilometre, Gürleň şäheri bilen aralygy 28 kilometre, Hywa şäheri bilen aralygy 36 kilometre deňdir. Aksaraý köşkler toplumynyň meýdanynyň gorag çäkleri 25 gektardan gowrak bolup, onuň demirgazygynda Daşoguz welaýatynyň Şabat etraby, günortasynda Görogly etrabynyň H.Myradow adyndaky, B.Öwezow adyndaky geňeşlikleri, günbatarynda Görogly etrabynyň Magtymguly adyndaky geňeşligi ýerleşýär.

Geçmişde Beýik Ýüpek ýolunyň gadymy ugrunda Hywa-Aksaraý-Buzgömen-Bedirkent-Polosoltan-Ysmamytata-Küňreli-Yzmykşir-Was-Köneürgenç-Diýarbekir-Aşyk Aýdyň-Halap-Şirwan-Akjagelin-Tüniderýa menzilleri Demirgazyk Türkmenistanyň esasy, köp gatnawly düşelgeleri, sebitiň iň iri nokatlary, uly kerwen hatarlaryny kabul etmäge ukyply bolan giň ýaýlaly merkezler hökmünde tanalypdyr. Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen Aksaraý diň ýadygärligi Hywa-Etrek, Hywa-Kesearkaç, Hywa-Amul, Hywa-Merw, Hywa-Gürgen, Hywa-Dehistan ýaly Demirgazyk Türkmenistanyň gündogar şahasynda birinji, iň amatly, bag-bakjaly kerwensaraýly ýaýla hökmünde hem ykrar edilipdir.

Alymlar Aksaraý diň ýadygärliginiň medeni gatlaklarynyň II we III tapgyrynda IX-XII asyrlaryň aralygynda durmuşyň ähli ugurlaryna degişli ýaşaýyş medeniýetiniň gülläp ösendigini belleýärler. Bu döwürde ýadygärligiň töwereginde kerwensaraýyň, rabatlar, gorganlyk (köşkli galanyň) toplumlarynyň bolandygy alymlaryň işlerinde bellenilip geçilýär.

Sebitiň bu görnükli, kaşaň, haşamly toplumynyň ýüzündäki, durkundaky gymmatlyklar, ýazgylar, ülňüler XIX asyryň ahyrlarynda toprak astynyň gatlaklaryna gizlenip barýan taryhy hakyda hökmünde, mukaddesligiň keşbine, geçmişiň unudylmajak tapgyryna gadam basan harabaçylygy hökmünde jemgyýetçilik sahnasyndan düşüp başlaýar. Şygryň çeper dilinde taryhy hakykatlary açyp görkezýän Aksaraý diň ýadygärligi Demirgazyk Türkmenistanyň gündogar tarapdan gelýän Beýik Ýüpek ýolunyň ilkinji nokady, çar ýana uzaýan ýollara ak pata berilýän geçelge çatrygy, syýahatçylaryň we täjirleriň ezizlän mekany, sebitiň altyn guşagy hasap edilipdir. Bu gadymy küren obaly mekan öz döwründe köje, zagara, sandyk, tuwalga, hum, zygyr, kenep, boýra, sebet, monjuk, gopuz, tüýdük, argyş torbalaryny, tor, otaga, pota, sagdak, tomaga, kişti dokamak, örmek, ýasamak, taýýarlamak, kürelemek, waraklamak, küme, külbe, guduk (guýy) gurmak ýaly hünärmençilik medeniýetiniň ösen merkezi hökmünde uly şöhrat gazanypdyr.

Saraý sözüne edebi, taryhy çeşmelerde «köne ýurt», «şirin söhbetleriň we nepis sazlaryň ojagy», «behişdiň kildi», «öten nesilleriň yşky düşen sährasy», «jennetiň bulagy», «senemleriň arygy», «azym-azym rabatly ülke», «gaýduwsyz, söweşjeň ärleriň, mürzebaşylaryň, müňbaşylaryň seýran eden sebiti», «rowaçlyklara badalga berýän mukaddes didarly, hikmetli ýagşyzadalaryň düşlän çadyrly mesgeni», «kerwenlere saýawan bolan uly bargäh kabulhana düşelgesi», «özge mähelleleriň sarpalany», «giň, amatly, boz ýaýlaly belentlik»,





«gülüstanly gyşlag», «beýikligi, bagtyýarlygy ýaran edinmek», «kethudalaryň geňeş eden mekany», «kemally ogullaryň täze hojalygy», «urugyň iň uly wekili», «ilkinji binýat» ýaly görnüşlerde düşündiriş berilýär. Ak sözüniň many gurşawy päkizelik, abadançylyk, sadyklyk, rowaçlyk, hoşniýetlilik, suhangöýlük, jomartlyk, ýagşy arzuwlara rowanalyk, ylalaşygyň nyşany, asudalyga ymtylyş, arassalyk ýaly leksik birlikler bilen sinonimdeşlik hataryny emele getirýär. Doganlyk halklaryň durmuşynda, ýazuw çeşmelerinde, edebi kyssalarynda, sözleýiş medeniýetinde bu mekan hakanlar (soltanlar), hüňkarlar (hanlygyň ýokary wezipeli töreleri, begleri) tarapyndan säginilen we sygynylan gadymy ojagy, gülendam syratly, hoşroý hulkly zeýnepleri taňsyk (haýran) edip, olaryň seýpil (bagt) tapan Watany, ýedi farsak (bir farsak 5,5 kilometrden gowrak) uzakdan salgym öwşümi (halkaýyn üýşmegi) görünýän bereketli Diýar, duýgulary şatlykdan desseläp didelere röwşenlik çaýýan ýaýla, hatarynda ýetmiş ineri baglan kerweniň çöken, bekmeniň (çapyksuwarlaryň) çapan, bökenleriň (pälwanlaryň) bilekleşen, mürşitleriň (hakykaty gözleýjileriň) şowk eden, şähriýarlara, arbaplara (halatly aryflara) jylawdar bolan menzil hökmünde hem ulanylýar.

Orta asyrlarda döwletleriň hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynda, goňşy halklaryň durmuşynda uly orun eýelän ýadygärligiň binagärçilik toplumynyň nusgalaryndan diňe Aksaraý diňiniň, Çileli baba aramgähiniň saklanyp galandygyny görmek bolýar. Aksaraý diňini we onuň töweregindäki binalary ilkinji bolup ylmy taýdan rus alymy A.Baçinskiý 1950-nji ýylda düýpli öwrenipdir we Aksaraý diňini aramgäh hasap edipdir. 1958-nji ýylda rus alymy G.A.Pugaçenkowa tarapyndan Aksaraý diňinde we onuň töweregindäki gadymy desgalarda arheologik barlaglar geçirilýär we ol Köneürgenç türkmen döwletine gündogardan girilýän baş, esasy geçiş-giriş nokady hasap edilipdir.

Aksaraý diňi burçlary älemiň taraplaryna bakdyrylyp gurlan, ölçegi inedördül-arka görnüşli, iki gatly, ýokarky bölegi gümmez şekilli taryhy desgadyr. Ýadygärligiň birinji gatynyň ini 6,60 metr, boýy 6,60 metr, ikinji gatynyň boýy bolsa 3,88 metr, ini 3,67 metr bolup, onuň üstki böleginde beýikligi 2,70 metre deň bolan gümmez ýerleşýär. Ýadygärligiň başlangyç sütüni 7 metr ýeriň astyndan başlanypdyr we onuň gurluşygynda ölçegi, agramy ýedi dürli bolan kerpiçler peýdalanylypdyr. Ýadygärligiň umumy beýikligi 11 metre golaýlap, onuň birinji gatynyň girelgesinde ýerleşýän arkanyň uzynlygy 3,30 metre, ini 1,75 metre deňdir. 2006-2009-njy ýyllar aralygynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh we arheologiýa institutynyň alymlarynyň gatnaşmagynda Aksaraý diň ýadygärligini öwrenmek maksady bilen düýpli rejeleýiş, dikeldiş, gazuw-agtaryş, berkitme we abatlaýyş işleri alnyp baryldy. Onuň netijesinde bu ýerden keramiki tapyndylar, oýulyp nagyş çekilen gök, mawy reňkdäki kerpiçler, neçjarçylyk nagyşly gymmatlyklar tapyldy.

Halkyň hormatlan, milletiň sarpalan, asyrlaryň ylhamy, ýyllaryň mähri, döwürleriň hyjuwy siňen bu çäkde 1993-nji ýylda meýdany 5 müň gektara golaýlaýan Aksaraý geňeşligi we daýhan birleşigi döredildi. Türkmen durmuşynyň taryhy hakykatlaryny, gözellik keşbini döretmek hem-de gurmak sungatynyň we medeniýetiniň tejribelerini arşa galdyran bu mekana XIX-XX asyrlaryň görnükli söz ussatlarynyň, tanymal jemgyýetçilik işgärleriniň, meşhur medeniýet wekilleriniň 40-dan gowragynyň görmäge gelendigini alymlar belleýärler. Çeperçilik sazlaşygyň we çözgütleriň özboluşly galyplary bilen bezelen ýadygärligi dürli ýyllarda öwrenmekde M.Aýdogdyýew, N.Bäşimowa, O.Babakow, A.Ataýew, Ş.Annataganow, K.Durdyýew, E.Myradowa ýaly alymlar uly hyzmatlary bitirdiler.

Dädebaý PÄLWANOW,
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ HABARLARY
gysga setirlerde



**► Ak göwher tapyldy.** Botswanada 1080,1 karatlyk ak göwher tapyldy. Bu barada Kanadanyň «Lucara Diamond» kompaniýasy habar berdi. Gymmat bahaly daş, ýurduň paýtagty Gaboroneden, takmynan, 512 kilometr uzaklykda, Karowe göwher käninde ýüze çykaryldy. Bu 2015-nji ýyldan bäri Karowe käninden tapylan dördünji göwherdir.



**► Şaýylyk çykaryldy.** Beýik Britaniýanyň Korollyk zikgehanasy tarapyndan Korol Karl III täç geýdirilmegine bagyşlanan şaýylyk çykaryldy. Dolanyşyga girizilen 50 penslik 5 million şaýylyga kolleksiýaçylaryň gyzyklanmasynyň artmagyna garaşylýar. Korol zikgehanasy IX asyrdan bäri ýurduň möhüm taryhy wakalaryny beýan edýär.



**► Sport elektroulagyny çykarmakçy.** Italiýanyň sport awtoulaglaryny öndürýän «Lamborghini» kompaniýasy Kaliforniýada täze nusgalyk elektroulagyny hödürledi. Köpleri gyzyklandyran bu ulag 16-njy awgustda dünýäniň iň täze awtoulag nusgalary tanyşdyrylýan «Monterey Car Week» sergisinde ilkinji gezek tanyşdyryldy.



**► 70 müň sany rezin ördek.** Halkara haýyr-sahawat guramasy tarapyndan Çikagoda geçirilen «ördekleriň ýaryşynda» 70 müň sany rezin ördek derýadan akdyryldy. Bu ýaryşda oýnawaç ördegi pellehana ilkinji gelene awtoulag sowgat berildi. Ikinji we üçünji orunlary eýelänler Meksika tölegsiz syýahat edip bilerler.



**► Emeli et öndürilýär.** Şanhaýyň «CellX» kompaniýasy emeli et öndürýän kärhanany işe girizdi. Hytaý kompaniýasy 2025-nji ýylda halkara bazaryna çykmagy meýilleşdirýär. «CellX» şu ýylyň ahyrynda emeli etlerini sarp edişde peýdalanmak üçin ABŞ-a we Singapura ýüz tutar.



**► 50 ýaşan film.** 11-nji awgustda «Baharyň on ýedi pursady» atly nusgawy rus filminiň ekrana çykanyna 50 ýyl doldy. Film şeýle bir meşhurlyk gazandy welin, ony üç aý geçensoň ýene-de görkezdiler. Üç ýylda surata düşürilen filmde sowet aňtawçysy Ştirlisiň durmuşy barada gürrüň berilýär. Onuň keşbini aktýor Wýaçeslaw Tihonow ýerine ýetirýär.



**► Üýtgeşik kompýuter syçanjygy.** Germaniýaly hünärmenler kompýuter syçanjygy ýaly işleýän, ýöne eliň aýasy bilen göni galtaşyk zerurlygy bolmadyk barmaklara dakylýan «Clip Mouse» enjamyny tanyşdyrdylar. Onda ýerleşdirilen akselerometriň kömegi bilen ulanyja adaty syçanjykda edilýän hereketleri gaýtalamak ýeterlikdir.



**► «Hyundai»-niň täze krossoweri.** «Hyundai» kompaniýasy täze «Hyundai Santa Fe» krossoweriniň XRT görnüşiniň elýeterli boljakdygyny mälim etdi. ABŞ-da krossoweriň benzinde işleýän we gibrid görnüşleriniň çykaryljakdygy habar berilýär. Ýewropada diňe gibrid «Santa Fe» görnüşi satylar.



**► Hytaý emeli hemrasyny uçurdy.** 13-nji awgustda Hytaý «Çançžen-3B» raketa-göteriji arkaly tebigy hadysalara gözegçilik etmek üçin niýetlenen «L-SAR4 01» emeli hemrasyny uçurdy. Emeli hemranyň ýurtdaky tebigy hadysalaryň öňüni almak we olaryň täsirini peseltmek ulgamyny kämilleşdirjekdigi habar berilýär.



**► Täjirçilik maksatly suborbital uçuş.** «Virgin Galactic» kompaniýasy kosmosyň serhedine ikinji täjirçilik uçuşyny amala aşyrdy. Jemi 6 adamdan ybarat ekipaž agramsyz gurşawda bolup, sag-aman Ýere dolanyp geldi. «VSS Unity» suborbital gämisine berkidilen «VMS Eve» uçary Nýu-Meksiko ştatyndaky kosmodromdan asmana göterildi.

## KARL III FRANSIÝA SAPAR EDER

**Beýik Britaniýanyň Koroly Karl III Fransiýa ilkinji sapary sentýabr aýynda bolar. Ýöne Fransiýanyň Prezidentiniň diwanynyň jogapkär işgärleri belli bir senäni aýtmadylar. Maglumatlara görä, saparyň senesi awgust aýynyň ahyryna çenli mälim ediler.**

**Şu ýylyň mart aýynda, Ýelisey köşgi tarapyndan iňlis monarhynyň 26-njy martdan 29-njy mart aralygynda Fransiýa boljak saparynyň yza süýşürilendigi habar berlipdi. Bu karar Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron bilen Karl III arasynda geçirilen telefon söhbetdeşliginden soň yglan edildi.**

**Fransuz tarapy Koroly kabul etmek üçin giňişleýin maksatnama taýýarlady. Saparyň ilkinji gününde fransuz korollarynyň taryhy kabulhanasy – Wersal köşgünde Karl III hormatyna agşamlyk nahary berler. Maglumatlara görä, britan Koroly Karl III Ýelisey köşgüniň Triumfal arkasyndaky baky otda hatyra dabarasyna gatnaşar, şeýle hem Orse muzeýine baryp görer. Mundan başga-da, Karl III Bordo şäherine sa-**



**par edenden soň, onuň hormatyna dabaralar meýilleşdirilýär. Meýilnama laýyklykda, Karl III britan tagtyna geçeninden soň ilkinji sapar etmeli ýurdy hökmünde Fransiýany saýlapdy. Bu sapar ýatyrylandan soň monarh mart aýynda özüniň ilkinji resmi saparyny Germaniýa amala aşyrdy.**

## DESLAPKY SAÝLAWLARDA ÝEŇIŞ GAZANDY

**14-nji awgustda Argentinada Prezidentlige bäsdeşleri kesgitlemek maksady bilen partiýalaryň arasyndaky saýlawlar geçirildi. Bu saýlawlarda ýurduň wekiller palatasynyň agzasy Hawýer Mileý öňdebaryjy boldy. Bu barada ýurduň Milli saýlaw gullugy habar berdi.**



**Partiýalaryň içindäki saýlawlar oktýabr aýynda geçiriljek prezident saýlawyna gatnaşjak dalaşgärleri aýdyňlaşdyrar. Argentinanyň ilaty döwlet Baştutany wezipesine dalaş edip biljek «Awanza Libertad» («Erkinlik gelýär»), «Watan bileleşigi», «Üýtgeşmeler üçin bilelikde» ýaly partiýalaryň wekillerine ses berdiler.**

**Maglumatlara görä, ses berişlik garaşylmadyk netijeleri berdi. «Erkinlik gelýär» partiýasyndan Hawýer Mileý 30,4% ses alyp, dolandyryjy «Watan Bileleşigi» partiýasyndan ykdysadyýet ministri Serhio Massodan (21,12%) hemde «Üýtgeşmeler üçin bilelikde» partiýasyndan bolan öňki howpsuzlyk ministri Patrisiýa Bullriçden (17%) öňe saýlandy.**

**Argentinada Prezident saýlawy 22-nji oktýabrda geçiriler. Argentinanyň saýlaw kanunlaryna görä, ýeňiş gazanmak üçin iň ýakyn bäsdeşiňden aratapawudyň azyndan 10% bolmak şerti bilen 40-45% ses almak ýeterlikdir. Ýurtda hereket edýän kanunlara görä, sesleriň azyndan 1,5%-ini alanlar saýlawlara gatnaşyp bilerler.**

## BRIKS-E GOŞULMAGY MAKSAT EDINÝÄR

Wenesuela BRIKS-e goşulmak üçin resmi ýagdaýda ýüz tutdy. Bu barada Wenesuelanyň ýerine ýetiriji wise-prezidenti Delsi Rodriges Nýu-Delide «Venezolana de Television» teleýaýlymyna beren beýanatynda aýtdy.

Delsi Rodriges Wenesuelanyň Prezidenti Nikolas Maduronyň BRIKS-e goşulmak baradaky niýetini resmi taýdan mälim edendigini habar berdi. Degişli haýyş haty ýurduň Daşary işler ministrligi tarapyndan iberildi. Wise-prezidentiň sözlerine görä, Wenesuela dünýädäki iň uly nebit gorlaryny BRIKS-iň hyzmatyna goýmakçy. Mundan başga-da, ýurt täze hyzmatdaşlyklaryň ösdürilmegini maksat edinýär. Delsi Rodrigesiň belleýşi ýaly, Wenesuela halkara gatnaşyklaryny ýola goýmakda öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Delsi Rodriges Wenesuelanyň BRIKS bilen köp ugurly gatnaşyklary gurmagy maksat edinýändigini aýtdy.

Häzirki wagtda BRIKS Russiýany, Hytaýy, Braziliýany, Hindistany we Günorta Afrika Respublikasyny öz içine alýar. Mundan başga-da, 20-den gowrak ýurt bileleşige goşulmagy maksat edinýär. Bilermenleriň çaklamagyna görä, 2023-nji ýylyň ahyryna çenli BRIKS ýurtlarynyň jemi içerki önüminiň dünýä ykdysadyýetindäki umumy paýy G7 ýurtlarynyň jemi içerki



önüminiň paýyndan ýokary bolar. Bu ýurtlar dünýäniň ilatynyň 40 göterimini öz içine alyp, Ýer togalagynyň dörtden bir bölegini eýeleýär. BRIKS-iň döwlet Baştutanlarynyň indiki sammiti 22-24-nji awgustda Günorta Afrika Respublikasynyň Ýohannesburg şäherinde geçiriler. Forumyň gün tertibi arkalaşygy has-da giňeltmäge gönükdirilendir.



## «ÝEWROPANYŇ ÝAŞYL PAÝTAGTY» BELLI BOLAR

Gras (Awstriýa), Gimaraýnş (Portugaliýa) we Wilnýus (Litwa) 2025-nji ýylda «Ýewropanyň ýaşyl paýtagty» adyna dalaşgär boldy. Ýeňiji 2023-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda Ýewropanyň häzirki «ýaşyl» paýtagty Tallinde geçiriljek dabarada yglan ediler.

Gras «ýaşyl» başlangyçlary üstünlikli durmuşa geçirýär. Oba hojalygy işjeň goldanylýan bu şäheriň çäginde ýokary hilli önümleriň köp görnüşini öndürýän 350 töweregi kompaniýa bar.

Gimaraýnş, esasan, ýeri we suwy durnukly ulanmakda özüniň artykmaç taraplaryny ýüze çykardy. Şäher taslamalarynyň biri bolan howdan ulgamy biodürlüligi goldamaga we gurakçylygyň ýetirjek täsirleriniň öňüni almaga kömek eder.

Wilnýus şäher meýilnamalaşdyrylyşynda we gurluşygynda gazanan üstünlikleri bilen tapawutlandy. Mysal üçin, şäherde ösümlikleriň topragynyň çyglylyk derejesini kesgitlejek «akylly» sensor ulgamy gurnalandyr.

«Ýewropanyň ýaşyl paýtagty» derejesi 2010-njy ýyldan bäri Ýewropa komissiýasy tarapyndan 100 müňden gowrak ilaty bolan şäherlere berilýär. Şäherlere durnukly ösüş pudagynyň hünärmenlerinden ybarat halkara eminler topary baha berýär. 100 müňden gowrak ilaty bolan dalaşgär şäherlere howanyň we suwuň hili, biodürlüligi goldamak, «ýaşyl» şäher ulagyny ösdürmek we durnukly ösüş ýaly 12 ölçeg esasynda baha berilýär. 2024-nji ýylda «Ýewropanyň ýaşyl paýtagty» Walensiýa bolar.

## 4 MILLION SYÝAHATÇYNY KABUL ETMEKÇI

Saud Arabystanynyň syýahatçylyk edarasy (STA) 2030-njy ýyla çenli her ýylda 4 million hytaýly syýahatçyny özüne çekmek maksadyna ýetmek üçin birnäçe möhüm ädimleri ätdi. Bu barada STA tarapyndan berlen beýanatda aýdylýar. Şeýle başlangyçlar Patyşalygyň paýtagty Er-Riýad bilen Gyzyl deňziň kenaryndaky Jidda şäherini Hytaýyň paýtagty Pekin bilen baglanyşdyrýan täze göni uçuşyň başlamagyny öz içine alýar. STA-nyň habaryna görä, bu barada Saud Arabystanynyň «Saudia» awiakompaniýasy tarapyndan habar berildi.

Mundan başga-da, Patyşalygyň we Hytaýyň arasynda syýahatçylygy ösdürmek barada, şol sanda, HHR-iň Saud Arabystanynyň çaltlandyrylan elektron wiza maksatnamasyna we «Saudia» awiakompaniýasynyň 96 sagatlyk üstaşyr wiza maksatnamasyna goşulmagy barada ikitaraplaýyn şertnamalar baglaşyldy. Awiakompaniýanyň bu maksatnamasynyň çäklerinde ýolagçylara Patyşalygyň myhmanhanalarynda bir gije galmak teklip edilýär.

STA-nyň beýanatynda hytaýly syýahatçylara amatly bolmagy üçin şu ýylyň başynda eýýäm birnäçe çäreleriň görlendigi tassyklanýar. Indi Hytaýdan gelen syýahatçylar hytaý dilindäki resmi syýahat portaly «VisitSaudi.cn»-i ulanyp bilerler. Şeýle-de Er-Riýadyň howa menzilinde



ornaşdyrylan hytaý dilindäki telefon liniýalaryndan, «UnionPay» töleg ulgamyndan we Hytaý garbanyşhanalaryndan peýdalanyp bilerler.

Saud Arabystanynyň «Görüş 2030» milli maksatnamasyna laýyklykda, Patyşalyk 2030-njy ýyla çenli ýurda gelýän syýahatçylaryň sanyny ýylda 100 milliona ýetirmegi maksat edinýär.

## STIW JOBSUŇ OGLUNYŇ TÄZE KOMPANIÝASY

«Apple» kompaniýasyny esaslandyryjy Stiw Jobsuň ogly Rid Jobs kakasynyň ölümine sebäp bolan rak keselini bejermegiň täze usullaryny maliýeleşdirmek üçin wençur kompaniýasynyň döredilýändigini mälim etdi.

«Yosemite» atly kompaniýa Stiw Jobsuň aýaly Loren Pauell Jobs tarapyndan esaslandyrylan «Emerson Collective» maýa goýum, jemgyýetçilik we haýyr-sahawat kompaniýasynyň şahamçasy boldy. «The New York Times» neşiriniň belleýşi ýaly, täze kompaniýa öz adyny Stiw bilen Loreniň durmuş guran ýeri Kaliforniýa ştatyndaky «Ýosemite» milli seýilgähinden alypdyr. «Forbes»-iň maglumatlaryna görä, Jobsuň wençur kompaniýasy eýýäm maýadarlardan 200 million dollar çekip, olaryň arasynda milliarder Jon Dorr, Sloan-Kettering adyndaky Memorial onkologiýa merkezi, Rokfeller uniwersiteti we Massaçusets tehnologiýa instituty bar.

Stiw Jobs 2011-nji ýylda 56 ýaşynda aşgazanasty mäziniň rak keselinden aradan çykdy. Loren Pauell Jobs 2004-nji ýylda «Emerson Collective» kompaniýasyny esaslandyrdy. Adamsy aradan çykandan soň, ol kompaniýa ýoldaşyndan miras galan «Apple»-iň we «Disney»-iň milliard dollarlyk



paýnamalarynyň bir bölegini maýa goýdy. 31 ýaşly Rid Jobs «Emerson Collective» kompaniýasynda saglygy goraýyş meseleleri boýunça dolandyryjy müdir bolup işleýär. Ondan öň onkolog hünärine eýe bolmak üçin lukmançylyk mekdebinde okady, ýöne kakasy aradan çykandan soň okuwyny taşlap, hünär ugruny taryha üýtgetdi.

## PIRAMIDALARYŇ GURLUŞYNYŇ SYRYNY AÇDYLAR

Alymlaryň halkara toparyna Müsür piramidalarynyň syryny aýdyňlaşdyrmak başartdy. Arheologlar köp wagt bäri dünýäniň bu ýedi gudratynyň biriniň gurluşygynda ulanylan äpet daşlaryň ol ýere nähili usul bilen eltilendigi barada gutarnykly pikire gelip bilmeýärdiler.

Indi arheologlar gadymy müsürliler gurluşyk meýdançasyna daşlary Niliň häzirki wagtda guran goşantlarynyň biri arkaly elten bolsa gerek diýip çaklaýarlar. Olar ylmy çaklamasyny tassyklamak üçin piramidalaryň golaýyndaky daşa dönen topragyň nusgalaryny Fransiýadaky barlaghana iberdiler.

Görlüp oturylsa, iberilen nusgalarda gadymy derýa mahsus bolan tozan we ösümlik bölejikleri bar eken. Alymlaryň pikiriçe, öň Niliň bir goşandy bolup, daşlary onuň suwy arkaly gurluşyk ýerine daşapdyrlar. Ol gurluşyk tamamlanandan iki müň ýyl soňra gurapdyr. Miladydan öň 500-nji ýyla çenli ol derýa goşandyndan yz galmandyr diýip, «The New York Times» gazeti ýazýar.

– Bu ýagdaý meni diýseň gyzyklandyrdy, sebäbi gurluşyk materiallarynyň suw arkaly daşalandygyny anyklamak mümkin boldy – diýip, geolog



Hader Şeýşa aýdýar. Şeýle hem ol suw goşandy bolmasa piramidalaryň gurluşygynyň mümkin däldigini sözüniň üstüne goşdy. Şeýşanyň pikiriçe, bu açyş gadymy müsürlileriň beýleki syrlaryny açmaga hem ýardam edip biler.

## ISPANIÝANYŇ ILATY 48,3 MILLIONA ÝETDI

Şu ýylyň 1-nji iýulynda Ispaniýanyň ilaty 48,3 million adamdan geçip, rekord derejä ýetdi. Bu barada Patyşalygyň Milli statistika institutynyň metbugat beýanatynda aýdylýar.

Institutyň maglumatlaryna görä, «Ispaniýanyň hemişelik ilaty 2023-nji ýylyň II çärýeginde 135 müň 186 adam köpelip, 1-nji iýulda 48 million 345 müň 223-e deň boldy. «Bu iň ýokary görkeziji» diýip, institutyň wekilleri bellediler. Şeýle-de, soňky bir ýylda ilatyň 537 müň adam artandygy tassyklandy.

«Ispaniýanyň ilatynyň artmagy, aýratyn hem, daşary ýurtly maşgalalardan doglanlaryň sanynyň köpelmegi bilen şertlendirildi. Ýylyň II çärýeginde daşary ýurtlularyň sany 100 müň 394 adam köpelip, olaryň sany 2023-nji ýylyň 1-nji iýulyna çenli 6 million 335 müň 419-a ýetdi» diýlip, beýanatda bellenilýär.



## TARYHDA ŞU GÜN

**■ 1966-njy ýylyň 18-nji awgustynda ABŞ-nyň ilkinji «Lunar Orbiter-1» enjamy Aýyň üstki gatlagyny surata aldy hem-de 229 sany ýokary we orta durulykdaky suratlary Ýere ugratdy. Ol Aýyň görünýän taraplarynyň, şeýle hem görünmeýän taraplarynyň (polýar sebitleri) suratlaryny aldy.**



## ZÜMERRET GAZYLYP ALNAR

**Owgan häkimiýetleri ýurduň gündogaryndaky Panjşir welaýatynyň magdanlaryndan zümerret çykaryp başlady. Bu barada owgan hökümeti tarapyndan berlen beýanatda aýdylýar. Panjşiriň zümerretlerine soňky onýyllyklarda döwlet tarapyndan çynlakaý üns berilmändi. Ýokary hilli gymmat bahaly daşlar hökmünde bu zümerretler dünýäniň işewür toparlarynyň arasynda uly meşhurlyga eýedir.**

**Welaýatyň magdanlar we nebit pudagynyň ýolbaşçysy Mawlawi Muhammet Kasym Amiri, resmi wekilleriň, taýpa ýaşulularynyň we dindarlaryň gatnaşmagynda geçirilen dabarada zümerret ýataklarynyň deňiz derejesinden 4 müň metr belentlikdäki daglarda ýerleşýändigini aýtdy. Olary çykarmak üçin magdançylar pyýada çykmaly we ýönekeý gurallary ulanmaly. Ýerli ýaşaýjylar zümerret gazyp almak başlangyjyny gutlap, munuň täze iş ýerlerini döretjekdigini aýtdylar.**

**Owganystandaky täze hökümet 2021-nji ýylyň awgust aýynda häkimiýet başyna geleli bäri ýurduň ykdysadyýetini durnuklaşdyrmak maksady bilen kömür, demir, gymmat bahaly we ýarym gymmat bahaly daşlary gazyp almak boýunça dagmagdan kompaniýalary bilen birnäçe şertnama baglaşyldy.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# DÜNÝÄNIŇ TÄSIN ÖSÜMLIKLERI

*Soňky ýyllarda tebigatda käbir ösümlikleriň ýa-da mör-möjekleriň sany azalýar. Muňa biz gündelik durmuşymyzda hem gabat gelýäris. Käbir adam birnäçe ýyl ozal has köp göze ilýän janly-jandary köp wagtdan bäri görmeýändigini aýdýar. Bu ýagdaý diňe klimatyň üýtgemegi bilen däl, eýsem, şäherleşmegiň artmagy netijesinde hem bolup bilýär. Şeýle hem oba hojalygynda ulanylýan dermanlar janly-jandarlaryň göçmeklerine getirip bilýär. Emma käbir endemik ösümlikler, diňe belli çäk aralygyndaky şertlerde ýaşaýandygy sebäpli sany azalýar. Ilatly ýerden has uzakda bitýän bu ösümlikler gündelik durmuşda gabat gelýän beýleki ösümliklere meňzemeýär. Bilermenler bu ösümlikleriň soňky tohumyny taşlanlarynyň hem bardygyny tassyklaýarlar. Şeýle bolansoň olary emeli usulda köpeltmek üçin zerur işler geçirilýär. Şol agaçlaryň we gülleriň käbiri we olar baradaky gysgaça maglumatlary size ýetirýäris.*

● **KUIWER AGAJY.** Dünýäniň iň gurak ýerleriniň biri bolan Namibiýadaky çöllerde ösýän bu agaç asyrlaryň dowamynda ýerli



ýaşaýjylar üçin örän gymmatly hasaplanypdyr. Sebäbi onuň ýumşak bolmagy gaýtadan işläp, gündelik durmuşda ulanylýan gurallary aňsatlyk bilen ýasamaga mümkinçilik beripdir. Ýerli san halkynyň dilinden terjime edilende, «titreýän» diýmegi aňladýan bu agajy oýup, dürli gaplar ýasalypdyr. Çölde bitýän bu ösümlik Günorta Amerikada hem gabat gelýär.

● **BAOBAB AGAJY.** Madagaskar adasynda we Awstraliýada ösýän bu ösümligiň sekiz görnüşi bar. Oňa adansoniýa hem diýilýär. Mundan başga-da, «maýmynyň çöregi», «çüýşe agajy» ýaly atlary hem bar. Çüýşe diýilmeginiň sebäbi aşa gurak tebigatda ösýändigine garamazdan, onuň düzüminde köp mukdarda suw saklanýar. Şol sebäpli olar aňsat ýanmaýar. Kähalatlarda tokaýda ýangyn dörände bu agaçlar ýanman galýar. Diametri 15 metre ýetýän bu agajyň bir düýbünde 115 tonna suw saklanýandygy anyklanypdyr. Bu ösümlik ýagyşly möwsümde düzümine suw ýygnaýar. Şol mahal agajyň düzüminiň 76 göterimi suwdan ybarat bolýar. Ýerli ilat guran agaçlaryň



ýokarsyny kesip, ortasyndaky köwegi suw saklamak üçin hem peýdalanýar. Agajyň boýy 40 metre çenli ýetýär. Onuň ýapraklaryndan, miwesinden, saýasyndan peýdalanýan onlarça jandar bolup, kiçiräk ekoulgamy döredýär. Baobabyň gabygynyň astyndan alynýan süýümden ýüp, sebet, egin-eşik ýaly zatlar taýýarlanýar. Onuň artylan gabygy gysga wagtdan gaýtadan ösüp çykýar. Agajyň miwesi, ýapraklary we gülleri iýmit hökmünde peýdalanylýar. Miwesinden süýji şerbetler taýýarlanýar. Deňiz derejesinden 450-600 metr belentlikde ösýän bu ösümlik tebigy we emeli usulda köpelýär. Täsin ýeri, adatça, agaçlar kesilende onuň ýaşyny anyklamaga ýardam edýän halkalar bu agajyň içinde görünmeýär.

● **KAURI AGAJY.** Birmahallar Täze Zelandiýada deňiz kenarynda kauri tokaýlyklary bolupdyr. Olaryň arasynda ýaşy 1200-e ýetenleri hem bolupdyr. Irki döwürlerden bäri kauri gaýyk ýasamakda peýdalanylypdyr. Olaryň sany wagtyň geçmegi bilen görnetin azalypdyr. Şol sebäpli bu ösümligiň Demirgazyk adasynda saklanyp galan soňky nusgalary gorag astyna alnypdyr.



● **RAFFLEZIÝA GÜLI.** Ösümligiň gülüniň diametri bir metre, agramy 9 kilograma çenli bolup bilýär. Indoneziýada, Malaýziýada we beýleki Günorta-gündogar Aziýa ýurtlarynda bitýän ösümlik dünýäniň iň uly güli hasaplanýar. Ylmy ady «Rafflesia arnoldii» atly ösümligiň güli ýylda bir gezek açylýar. Ösümlik hasap edilýändigine garamazdan, fotosintez hadysasyny amala aşyrmaýan, köki we ýapragy hem bolmadyk «Rafflesia arnoldii»-niň açylan wagty ýaýradýan ysy siňekleri we beýleki mör-möjekleri özüne çekýär. Şeýlelikde, mör-möjekler gülüň tozgalanmagyna ýardam edýär. Beýleki ösümliklere ýapyşyp ösýän bu gülüň köki ýok. Ol adatça, üzüm ýaly çyrmaşyp ösýän ösümlikleriň şahasynda bitýär. Bu ösümlik Indoneziýada ak jasmin hem-de Aý orhideýasy bilen bilelikde milli simwol hasaplanýar.



● **WELWIÇIÝA MIRABILIS.** Meşhur awstriýaly botanik Fridris Welwiçiň hormatyna şeýle at berlen ösümlik, esasan, Namibiýada, deňiz kenarynyň 100 kilometre çenli aralygyndaky çölde bitýär. Iki ýaprakdan we kökden ybarat bolan ot 400 ýyldan 1 müň 500 ýyla çenli ýaşaýar. Onuň ýapraklary 2 metrden 4 metre çenli aralykda bolýar.



● **HALFMENS.** Ylmy dilde «Pachypodium namaquanum» diýlip atlandyrylýan bu täsin ösümlik sütüne meňzäp, şahalary bolmaýar. Ýokarsyndaky şahalary kesilen palma meňzeş bolan bu ösümlik deňiz derejesinden 300-900 metr belentlikde, gurak hem daşly ýerlerde ösýär.



● **AFRIKAN GIDNORASY.** Gyzyl reňkli güli bolan ösümlik Günorta Afrikada bitýän täsin ösümlikleriň biri hasaplanýar. Başga bir ösümligiň köküne birigip ösýän bu ösümlik gül açan wagty mör-möjekleri özüne çekýär.



# Mekdep egin-eşiklerini nähili saýlamaly?!



Tomusky dynç alyş möwsümi tamamlanyp barýar. Okuwçylar bu döwürde dynç aldylar, dürli oýunlar oýnadylar, dynç alyş-sagaldyş merkezlerinde täze dost tutundylar. Çagalaryň boýy hem ösdi. Indi bolsa çagalaryň täze okuw ýylyna taýýarlyk görüp başlamaly wagty geldi. Olar mekdebe taýýarlananda diňe okuw esbaplary däl, eýsem, egin-eşikler hem taýýar edilmeli. Bu mesele çagalaryň ene-atalaryny ýa-da ýakyn hossarlaryny gyzyklandyrýar. Eýsem, çagalara okuw eşikleri, aýakgap we ýantorba saýlananda, nämelere üns bermeli? Geliň, bu barada bilermenleriň berýän maslahatlary bilen tanyş bolalyň!

Kiçi ýaşly okuwçylar 4-5 sagadyny, uly synp okuwçylar 6-8 sagadyny mekdepde geçirýärler. Güýz paslynyň gelmegi bilen howanyň temperaturasy çalt üýtgäp başlaýar. Käbir günlerde irden birneme salkyn bolýan bolsa, günortan tüp yssy bolýar. Şol sebäpli salkyn ýa-da sowuk günlerde çagalara howa geçirmeýän galyň eşik däl-de, ýuka, ýöne gat-gat eşik geýdirmek maslahat berilýär. Eşik bedene ýapyşyp duran däl-de, birneme giň we rahat bolmaly, çaga aňsatlyk bilen hereket edip bilmeli. Egin-eşigiň matasy pamykdan ýa-da beden üçin zyýansyz, ýumşak we tebigy materiallardan edilen, howa geçirýän bolmaly. Sebäbi, çagalaryň teni näzik bolýar. Käbir eşigiň iç ýüzünde onuň ýuwluşy, ütüklenişi ýa-da öndüren kärhananyň ady ýazylan etiketkalar bolýar. Olaryň käbiri gaty materialdan bolup, eplenen ýeri ýiti bolýar. Şol sebäpli bu etiketkany eşige zyýan ýetirmezden aýryp hem bilersiňiz. Şeýle hem egin-eşikler yssy howada derletmeýän, sowukdan goraýan bolmaly.





Käbir ene-ata aýakgap alanda çaganyň ulalyp barýandygyny göz öňünde tutup, has ulusyny alýar. Emma bu ýalňyşdyr. Şeýle ýagdaýda 0,5-1 ölçeg ulusy alnyp bilner. Ondan uly ölçegdäki aýakgap almak maslahat berilmeýär. Dar we kiçi aýakgap bolsa asla almaly däl. Aýakgap alnanda çaga jorap bilen geýdirip hem-de ýöredip görmeli, gyşda geýiljek aýakgap alnanda galyň jorap bilen geýdirip görmeli. Aýakgabyň öň tarapynyň dar, ujunyň süýmek bolmagy barmaklaryň dogry ösmegine päsgel berip ýa-da dyrnagyň batmagyna getirip biler. Bagjykly aýakgaplar gowy baglanmasa ýa-da çözülen ýagdaýda çaganyň ýykylmagyna sebäp bolmagy mümkin. Şol sebäpli bagjyksyz ýa-da aňsatlyk bilen açylyp-ýapylýan kemerjigi bolan aýakgap almaly. Onuň aşagy büdür-südür, tekiz ýerde taýmaýan, ýagynly howada suw geçirmeýän bolmaly. Her gün geýilýändigi sebäpli çaganyň aýagy derläp bilýär. Şol sebäpli jorap saýlananda hem ünsli bolmaly. Joraby bir gezekden köp geýmeli däl. Ýuwman ertesi gün ýene geýilse jorap aýakgabyň çalt tozmagyna hem-de aýakda käbir keselleriň döremegine getirip bilýär.

Sport aýakgaby saýlananda hem ýokardaky ýagdaýlar göz öňünde tutulmaly. Sport aýakgabyny bedenterbiýe dersinden başga wagt geýmeli däl. Sebäbi has köp hereket edilýändigi üçin aýak derleýär. Derlän aýak bilen köp wagt gezmek bolsa, aýakda kömelejikleriň döremegine sebäp bolýar.

Mekdep ýantorbasy alnanda çaganyň ýaşy, agramy göz öňünde tutulmaly. Islendik ýaşdaky çaga üçin arkaňda göterilýän mekdep ýantorbalaryny götermek maslahat berilýär. Onuň egniňden asylýan ýeriniň lentasy inli we ýumşak bolmaly. Bu ýagdaý ýantorbanyň agramyny deň ýaýradýar. Kiçi ýaşly çagalara has uly, agramyny artdyrjak dürli reňkli, gabaryp duran suratly we dürli oýnawaçlar asylyp duran ýantorbalary almaly däl. Onuň göterilişine hem üns bermeli. Adatça, arkaňdan asylýan ýantorbalaryň ýüplerini ulaldyp hem kiçeldip bolýar. Ýantorbanyň ýüpüni çaganyň arkasyna laýyk ýerleşer ýaly edip sazlamaly. Ony bir egniňde götermeli däl. Ýantorbanyň agramy çaganyň agramynyň 10-15 göteriminden agyr bolmaly däl. Agyr kitaplary we beýleki okuw esbaplaryny ýantorbanyň arka ýakyn tarapyna, ýeňil esbaplary öň tarapyna ýerleşdirmeli. Çaga awtobusa ýa-da beýleki ulagyň gelmegine garaşanda ýa-da awtobusda barýarka ýantorbasyny arkasyndan düşürip arassa ýerde goýmagy öwretmeli. Ýantorba okuw esbaplaryndan başga zat salmaly däl, diňe şol gün geçiljek sapaklaryna degişli kitapdyr depderleri salmaly. Arkaňda ýantorba bar wagty ýerden bir zat alynjak bolnanda egilmeli däl-de, ilki ýantorbany aýyrmaly, bu kyn bolsa, dyzyňy epip almaly.

Islendik egin-eşik ýa-da okuw esbaby satyn alnanda, mekdebiň talaplarynyň göz öňünde tutulmalydygyny unutmaň!

## ÇAGALAR

✓ Käbir ýurtlarda iki gatly ýolagçy otlulary hereket edýär.

*Kim, haçan oýlap tapdy?*

# OTLY



Otlular uzak aralyga syýahat edilende iň ygtybarly we elýeterli ulag serişdesi hasaplanýar. Irki döwürlerde has haýal hereket eden hem bolsalar, häzirki ýokary tizlikli otlular bilen birnäçe sagatda ýüzlerçe kilometr ýol geçip bolýar. Bir ýa-da birnäçe lokomotiwiň herekete getirýän, demir ýolda hereket edýän ulaglaryň düzümine otly diýilýär. Tekiz polat ýoluň üstünde hereket edýändigi sebäpli lokomotiwe müňlerçe tonna ýüki çekmek kyn bolmaýar. Otlular ýük we ýolagçy gatnatmak maksady bilen giňden peýdalanylýar. Eýsem, ilkinji otly haçan peýda bolduka?!

Otlularyň taryhy öz gözbaşyny XVIII asyrdan alyp gaýdýar. Ilkinji otlular kömür we demir magdany ýaly ýerasty baýlyklary çykarmak we daşamak maksady bilen döredilipdir. Ilkibaşda adam we ýük mallary arkaly çekilen arabalar ýük daşamak üçin ulanylypdyr. Bugly hereketlendirijileriň peýda bolmagy bilen, polat ýoluň üstünde hereket edýän has uly arabalar peýda bolupdyr. Häzirki wagtda bolsa, dizel ýan-



gyçly we elektrik energiýasy bilen işleýän otlularyň tizliginiň sagatda 500 kilometre ýetýänleri hem bar. Adatça ýokary tizlikli ýolagçy otlulary ortaça 250-300 kilometr tizlik bilen hereket edýär.

Ilkinji demir ýol 1797-nji ýylda Angliýada gurulýar. Onuň üstünde hereket edýän arabalary birnäçe at çekýän eken. 1804-nji ýylda angliýaly Riçard Trewitik atly inžener 10 tonna ýüki we 70 ýolagçyny öz döreden bugly maşyny bilen 16 kilometr aralyga äkidýär. Uelsiň Kardiff şäherindäki bu gatnaw 5 sagatda tamamlanýar. Demir ýol ulagynda ýolda birnäçe gezek tehniki näsazlyk ýüze çykýar. Şeýlelikde, motoryň güýji bilen hereket edýän ilkinji demir ýol ulaglary peýda bolýar. Muňa garamazdan, atlar soňky birnäçe ýylyň dowamynda polat ýolda hereket edýän arabalary çekmek üçin peýdalanylypdyr. 1825-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda bolsa Jorj Stefenson atly angliýaly inžener Beýik Britaniýanyň Darlington hem-de Stokon şäherleriniň arasynda yzygiderli otly gatnawyny ýola goýýar. Bu sene demir ýoluň esaslandyrylan güni hasaplanýar. Bäş ýyldan soňra Stefenson şol döwürler üçin örän ýokary tizlik hasaplanýan – sagatda 24 km tizlik bilen hereket edýän «Rocket» atly täze otlyny Liwerpul-Mançester aralygynda (50 km) işe girizýär. Bu gatnaw ilkinji şäherara otly gatnawy hasaplanýar. Onuň ýokary tizligi 48 km/sagat bolupdyr. Bu tizlik şol döwürler üçin örän ýokary hasaplanypdyr. Şondan bary-ýogy 10 ýyl geçenden soňra Angliýadaky otly ýollarynyň uzynlygy iki müň kilometre ýetipdir. 1831-nji ýylda ABŞ-da, 1832-nji ýylda Fransiýada, 1835-nji ýylda Belgiýada we Germaniýada, 1837-nji ýylda Russiýada, 1839-njy ýylda Gollandiýada we 1848-nji ýylda Ispaniýada ilkinji demir ýol gatnawlary ýola goýulýar. Elektrik energiýasy bilen işleýän ilkinji lokomotiwler bolsa 1879-njy ýylda Berlinde synag maksady bilen gurulýar. Şondan soňra şäheriçi gatnaw üçin adaty otlynyň has ýeňil görnüşi bolan, elektrik energiýasy bilen işleýän tramwaýlar gurlup başlanýar.

### METROLAR BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR

*Şäher ilatynyň artmagy bilen ýeriň aşagyndan gidýän demir ýollar gurlupdyr. Jemgyýetçilik ulagynyň bu görnüşine metro diýilýär. Metrolar beýleki awtoulag ýollary bilen kesişmeýändigi, ýolyşykda garaşmaly bolmaýandygy sebäpli şäheriň içinde has çalt gatnawy üpjün edýär. Elektrik energiýasy bilen işleýändigi üçin howany hem zaýalamaýar. Adatça demir ýol ulaglarynyň tigirleri polatdan bolýar. Emma seýrek ýagdaýda rezin örtükli tigirleri bolan metrolar hem bar. Geliň, metrolar barada käbir gyzykly maglumatlary öwreneliň!*

✓ Käbir ýurtlarda iki gatly ýolagçy otlulary hereket edýär.

✓ Ilkinji ýerasty demir ýol ulgamy 1863-nji ýylyň 9-njy ýanwarynda açylýar. Ol bugly lokomotiw bilen işläp, her günde 27 müň ýolagça hyzmat edipdir. Häzirki wagtda London metrosyna her günde 5 million ýolagçy münýär.

✓ Dünýäniň 180-den gowrak şäherinde ýerasty demir ýol ulgamy bar.

✓ 1935-nji ýylda açylyp ulanmaga berlen Moskwa metrosynyň her stansiýasy başgaça bezegler bilen bezelip, owadan çyralary we reňkli diwarlary bilen sungat zallaryny ýadyňa salýar. Şol döwürler 11 kilometr bolan ulgamyň uzynlygy häzirki wagtda 400 kilometre golaýlaýar.

✓ Hytaýyň paýtagty Pekiniň metrosy her ýylda 3,85 milliard adam gatnadýar.

✓ Hytaýyň Şanhaý şäheriniň metro ulgamy 680 kilometre barabar.

✓ Kanadanyň Kwebek ştatynyň Monreal şäheriniň metro wagonlarynyň tigirleri adaty awtoulaglaryňky ýaly rezin bilen örtülen. Inženerler ýolagçylaryň has rahat bolmagy üçin şeýle usuldan peýdalanmagy makul bilipdirler. Adatça demir ýol ulaglarynyň ählisiniň tigirleri polatdan ýasalýar.



# HAÝSY ÝURDUŇ ADY NÄME MANYNY BERÝÄR?

Häzirki wagtda dünýäde 195 ýurt bolup, olaryň 193 sanysy BMG-niň agzasy, iki ýurt bolsa, (Palestina bilen Watikan) synçy döwletler hasaplanýar. Köp ýurduň ady şol ýurduň esasy ilaty ýa-da esaslandyran adamyň ady bilen baglanyşykly bolýar. Eýsem, haýsy ýurduň ady näme manyny berýärkä? Ine, olaryň käbiri.

Taryhy we medeni ýadygärliklere baý bolan Ýewropanyň Ortaýer deňziniň kenaryndaky Italiýa witaly atly halk tarapyndan esaslandyrylypdyr. Bolgariýa bolsa, «garyşyk» manysyny berýän «bulga» sözünden emele gelipdir. Bu adyň berilmegi ýurtda köp halkyň ýaşaýandygy bilen bagly bolupdyr. Tailand sözi bolsa «erkin adam» diýmegi aňladýan tai halkynyň ady bilen baglanyşyklydyr.

Pars aýlagynyň kenarynda ýerleşýän arap ýurdy bolan Bahreýn «iki deňiz» diýmegi aňladýar. Karta seredilende ýurduň iki deňziň arasyndadygyny görmek bolýar. Ispaniýa sözi bolsa, «towşanlaryň mekany» diýmegi aňladýar. Bu at ilkinji gezek karfagenýan atly halk tarapyndan goýlupdyr. Soňra bolsa rimliler hem ýurdy şol at bilen atlandyrmagyny dowam etdiripdirler.

Karib deňzinde ýerleşýän kiçijik ada döwleti bolan Trinidad we Tobagonyň adyny meşhur deňizçi Hristofor Kolumb dakypdyr. Trinidad «üç depe», tobago bolsa, «temmäki» diýmegi aňladýar.

Dünýäniň 25 ýurdunyň ady şol ýurduň geografik taýdan ýerleşýän ýeri bilen baglanyşyklydyr. Köp döwletiň we şäheriň ady bolsa, öz ýurdunda başgaça, halkara derejede başgaça atlandyrylýar. Mysal üçin, hytaýlylar öz ýurduny «Çžunhua» diýip atlandyrýarlar. Bu söz «merkezi patyşalyk» diýmegi aňladýar. Ýaponlar bolsa öz ýurduny «Nippon» diýip atlandyrýarlar. Bu söz ýaponçada «Günüň dogýan ýurdy» diýmegi aňladýar. Şol bir wagtyň özünde bu söz beýleki dillerde hem ýurduň ikinji ady hökmünde ulanylýar. Ýaponiýanyň baýdagyndaky ak düşegiň üstünde ýerleşýän gyzyl tegelek şekil hem Güni aňladýar. Halkara derejesinde ulanylýan Ýaponiýa ady bolsa, hytaýçadaky «Japuen» sözünden emele gelip, bu söz hem «Günüň dogýan ýurdy» diýmegi aňladýar.

Ýer ýüzündäki 25 ýurduň ady, şol ýurt üçin esasy şahsyýetleriň ady bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, Müsüriň ady Nuh pygamberiň neslinden bolan Misraim bilen baglanyşyklydyr. Ýurduň arapça ady Misr. Günorta Amerikadaky Boliwiýanyň ady şol sebitleriň garaşsyzlygy ugrunda göreşen hem-de ýurduň ilkinji döwlet ýolbaşçysy Simon Boliwaryň adyndan gelip çykýar. Kolumbiýa sözi ilkinji bolup, Amerikany açmagy bilen meşhurlyk gazanan Hristofor Kolumbyň adyndan döräpdir. Italýan deňizçisi Amerigo Wespuççi Amerika ýklymyna barandan soňra bu ýer şeýle atlandyrylyp başlanypdyr.



Liwanyň ady ýurduň Siriýa bilen serhedindäki daglardan gelip çykypdyr. Bu dag ulgamy jöwzaly tomus günlerinde hem eremeýän gar örtügi bilen gadymy döwürlerden bäri meşhur bolupdyr. Liwan sözi iwrit dilinde ak daglar diýmegi aňladýar. Şeýlelikde, bu söz hem dagyň, hem ýurduň ady bolupdyr.

Hindi ummanynyň kenaryndaky Oman arap dilinde «giň deňizler» diýmegi aňladýan sözden emele gelipdir.

Demirgazyk Ýewropada ýerleşýän Norwegiýa norweg dilinde «demirgazyk ülkesi» diýmegi aňladýar.

Irki döwürlerden bäri keramatly ýer hasaplanýan Şri-Lanka bu at 1972-nji ýylda berilýär. Käbir çeşmelerde bu sözüň «dabaraly, şowhunly» diýen manysynyň bardygy bellenilýär.

Bangladeş ady bolsa, bengal dilinde «bengallaryň ýurdy» diýmegi aňladýar.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# «Barbi» – girdejisi 1 milliard dollardan geçen 53-nji kino

Iýul aýynyň 21-inden bäri dünýäde görkezilýän «Barbi» (Barbie) hem-de «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) filmleri geçen 1 aýa golaý wagtda rekord görkezijilere ýetdiler. «Barbi» filmi 1 milliard dollardan, «Oppenhaýmer» bolsa 600 million dollardan köp girdeji gazandy.



Zenan režissýor Greta Gerwig tarapyndan ekranlaşdyrylan «Barbi» filminiň häzirlikçe tutuş dünýä boýunça girdejisi 1 milliard 187 million dollara deňdir. «Barbi» filmi «Doganlar Super Mario filmi» (The Super Mario Bros. Movie) animasiýasyndan soň girdejisi 1 milliard dollardan geçen 2-nji ekran eseri boldy. Şol bir wagtyň özünde «Barbi» filmi zenan režissýorlaryň surata düşüren kinolarynyň arasynda iň köp girdeji gazanan ekran eseri hökmünde hasaba alyndy. Margo Robbi hem-de Raýan Goslingiň baş keşplerde surata düşen filmi käbir ýurtlarda dürli sebäplere görä görkezilmändigine garamazdan, prokatdan toplany ýokary boldy. Film Demirgazyk Amerikanyň kinoteatrlaryndan 526,4 million dollar toplady. «Barbi» filmi girdejisi 1 milliard dollardan geçen 53-nji kinodyr. Ekranlara çykmazdan öň ýokary depginde marketing işleri guralan «Barbi» filminiň umumy çykdajysy 145 million dollara deňdir.

**IKINJI JAHAN URŞY BARADAKY IŇ KÖP GIRDEJI GAZANAN FILM**

«Oppenhaýmer» filmi hem 649 million dollarlyk gazanç edip, Ikinji jahan urşy barada surata düşürilen filmleriň arasynda iň köp girdeji toplan kino hökmünde hasaba alyndy. «Oppenhaýmer» kinosy bu ugurda režissýor Kristofer Nolanyň başga bir kinosy – «Dunkirk» (Dunkirk, 2017) filminden öňe geçdi. «Dunkirk» filmi 527 million dollar girdejisi bilen 1-nji orunda barýardy. Killian Mörfi, Emili Blant, Matt Deýmon, Robert Dawni Junior hem-de Florens Pýu ýaly ussat artistleriň surata düşen «Oppenhaýmer» filminiň býujeti 100 million dollara deňdir.



# Kino täzelikleri

Animasiýa gatyşykly «Sonic atly kirpijik» (Sonic the Hedgehog) filmleriniň 3-njisinde multfilm gahrymanlarynyň sahnasy öňki 2 filme garanyňda has köpräk bolar. «Paramount» kompaniýasy «Hollywood»-da iş taşlaýyşlaryň dowam edýändigine garamazdan, filmiň ekranlaşdyrylyş işleriniň bökdelmegini islänok. Şol sebäpli hem kompaniýa aktýorsyz sahnalary, ýagny CGI sahnalaryny tamamlap, filmi 2024-nji ýylyň dekabryna, ekranlara çykaryljak wagtyna çenli doly taýýar edip ýetişdirmekçi bolýar. Wideo oýun esasyndaky bu filmde ýene-de Sonige Ben Şwarts, Maýls Teýlse Kollin O'Şonessi ses berer. Jeýms Marsdeniň ozalky keşbinde surata düşjek filmine Idris Elba hem goşuldy. Režissýor Jeff Powleriň surata düşürjek kinosynda otrisatel gahrymanyň keşbine meşhur komediýaçy Jim Kerriniň dolanyp-dolanmajakdygy näbelli bolup, häzirki wagtda taraplaryň arasynda gepleşikler dowam edýär.



Ilkinji 2 filminden 725 million dollara golaý girdeji gazanyldy.

Şu ýylyň 30-njy awgusty-9-njy sentýabry aralygynda geçiriljek 80-nji Wenesiýa film festiwalynda ussat režissýor Wes Andersona ýörite baýrak gowşurylar. Ussat režissýor «Cartier Glory to the Filmmaker Award» baýragy bilen sylaglanar. Bu baýrak festiwalyň çäginde kino sungatynda bitiren işleri üçin režissýorlara berilýär. 2021-nji ýyldan bäri gowşurylýan baýragyň ilkinjisine Ridli Skott, ikinjisine Walter Hill laýyk görlüpdi.



Festiwalyň çäginde bäsleşikden daşgary Wes Andersonyň täze ekran eseri, 37 minutlyk «The Wonderful Story of Henry Sugar» atly filminiň ilkinji görkezilişi hem bolar. 1-nji sentýabrda görkeziljek «Netflix»-iň önümi bolan kinoda Benedikt Kumberbetç, Dew Patel, Raýf Faýnes, Ben Kingsli, Riçard Aýoade, Ruperd Frend ýaly ussatlar dürli keşpleri ýerine ýetirýär.

«Hollywood»-yň ýaş aktrisalaryndan Sidni Swini hem «Marvel» älemine aralaşýar. Ol «Marvel» komiksleriniň belli gahrymanlaryndan «Madame Web» baradaky adybir filmde Julia Karpenteriň keşbini janlandyrar. «Marvel» bilen «Sony» kompaniýalarynyň bilelikdäki önüminde baş keşbi – Kassandra Webbiň keşbini tanymal aktrisa Dakota Jonsonyň janlandyrjakdygy ozal habar berlipdi. Filmde Adam Skott, Emma Roberts, Seleste O'Konnor, Isabela Mersed, Tahar Rahim hem-de Maýk Epps ýaly artistler hem surata düşer. Britaniýaly zenan režissýor S.J. Klarkson tarapyndan surata düşürilýän filmiň geljek ýylyň fewralynda ekranlara çykmagyna garaşylýar.



# Täze film

**Ady:** «Gök tomzak» (Blue Beetle); **Režissýory:** Anhel Manuel Soto; **Keşplerde:** Şolo Mariduenýa, Adriana Barraza, Damian Alkasar, Raul Maks Truhilýo, Bruno Markezini, Susan Sarandon, Jorj Lopez; **Ssenariçi:** Garet Dannet-Alkoser (DC komiksleri esasynda); **Prodýuseri:** Jon Rikard, Zew Forman; **Kompozitory:** Bobby Krliç; **Öndüriji:** «DC Studios», «The Safran Company»; **Paýlaýjy:** «Warner Bros. Pictures»; **Dowamlylygy:** 127 minut; **Görnüşi:** «superhero», ylmy-fantastik, uruşly; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe, ispança; **Býujeti:** 120 million $.




«Hollywood»-yň super gahryman filmleriniň esasy iki öndürijisiniň biri bolan «DC Studios»-yň täze filmi «Gök tomzak» (Blue Beetle) diýlip atlandyrylýar. Ilkinji latyn super gahryman filmine puerto rikoly Anhel Manuel Soto režissýorlyk edýär. Iňlis we ispan dillerindäki filmde baş keşbi Şolo Mariduenýa, beýleki keşpleri-de Adriana Barraza, Damian Alkasar, Raul Maks Truhilýo dagy janlandyýar. ABŞ-nyň käbir ştatlarynda, şol sanda Puerto Rikoda ekranlaşdyrylan filmiň býujeti 120 million dollara deňdir.

Jeými Reýes ýoldaşlary Pako hem-de Brenda bilen mekdepden çykyp, öýüne barýarka, ýolda öňünden bir tomzajyk çykýar. Reýes ony öýüne alyp gaýdýar. Tomzak Reýesiň bedenine ornaşýar. Super gahrymana öwrülen Reýes çakdanaşa güýçlenýär...



# Teýlor Swift 8 ugurdan dalaşgär görkezildi

Aýdym-saz äleminiň öňdebaryjy baýraklarynyň biri bolan «MTV Music Awards – 2023»-iň dalaşgärleri mälim edildi. 40-njy gezek gowşuryljak baýraklarda iň köp Teýlor Swift dalaşgär görkezildi. Tanymal aýdymçy 8 ugurda dalaşgärlige hödürlendi. SZA 6, Doja Cat, Maýli Saýrus, Niki Minaž dagynyň her biri 5 ugur boýunça «MTV Music» baýragyna dalaş ederler.

Ýylyň wideosy diýlen ugurda Teýlor Swift («Anti-Hero»), SZA («Kill Bill»), Sam Smit bilen Kim Petras («Unholy»), Oliwia Rodrigo («Vampire»), Niki Minaž («Super Freaky Girl»), Maýli Saýrus («Flowers») hem-de Doja Cat («Attention») dalaşgär görkezildi. Ýylyň aýdymy baýragyny Maýli Saýrusyň «Flowers», Oliwia Rodrigonyň «Vampire», Rema bilen Selena Gomesiň bilelikdäki «Calm Down», Sem Smit bilen Kim Petrasyň bilelikde ýerine ýetiren «Unholy», Stiw Leýsiniň «Bad Habit», SZA-nyň «Kill Bill» hem-de Teýlor Swiftiň «Anti-Hero» atly aýdymlarynyň haýsy hem bolsa biri alar.




Ýylyň sungat işgäri baýragyna Beýonse, Doja Cat, Karol G, Niki Minaž, Şakira, Teýlor Swift, ýylyň täze sungat işgäri baýragyna bolsa GloRilla, Ice Spice, Kaliii, Peso Pluma, PinkPanteress hem-de Renee Rapp dagy dalaşgär görkezildi.

Teýlor Swift ýokarda agzalan baýraklardan başga-da, «Anti-Hero» atly şekilli aýdymy bilen iň gowy pop, iň gowy wizual effektler, iň gowy režissýor, iň gowy montaž, iň gowy operator baýraklaryna dalaşgär boldy.

«40-njy «MTV Music Awards» baýraklarynyň ýeňijileri 12-nji sentýabrda Nýu Jersi ştatynyň Nýuark şäherindäki «Prudential Center»-de geçiriljek dabarada belli bolar.



## 36-njy KROSSWORD

**Berdi GURTGELDIÝEW,** *Türkmenbaşy şäheriniň ýaşaýjysy.*

**DIKLIGINE:** **1.** Ýel, şemal. **2.** Hepdäniň bir güni. **3.** Örän erbet, ýaramaz. **4.** Saz guraly. **5.** Süýdemdirijiler maşgalasyndan bolan sygra meňzeş jandar. **6.** Ýakymly ys ýaýradýan bir gülüň ady. **7.** Ýeliň ugruna gaýdyryp goýbermek. **8.** Asman. **11.** Sandyrap, titräp çykýan ses. **12.** Drama eseriniň bir görnüşi. **13.** Içi mañyzsyz, boş. **14.** Ata eýer, eşege gaňňa salmak üçin üstüne jul, keçe atmak. **15.** Baýlyk, emläk. **16.** Kinaýa bilen ýaňzytmak. **18.** Öwüt-nesihatlylyk, täsirlilik. **27.** Kömrüň bir görnüşi. **29.** El bilen tutulyp, agram ölçenýän gural, esbap. **31.** Ujy ýiti gural. **32.** Awstraliýada bir köl. **38.** Kabul edilen düzgün, däp. **39.** Ygtyýar, rugsat. **40.** Gurbannazar Ezizowyň bir goşgusy. **41.** Gyz ady. **43.** Bir zat paýlaşylanda her kime ýetýän hak. **45.** «Akmak it ... üýrer» (nakyl).

**KESELIGINE:** **1.** Birden, tötänden. **5.** Otjumak ýabany ösümlik. **9.** Ýelekleri çalymtyl-goňur uly guş. **10.** Magtymguly Pyragynyň okan medresesi. **11.** Arwah, jyn. **12.** Berkemek, kämilleşmek. **17.** Endik. **19.** Adamyň bedeninde döreýän gyzyl menek, tegmil. **20.** Haýbat, hemle. **21.** Igdäniň şänigi ýaly ululykda miwe getirýän ýasy ýaprakly gaty agaç. **22.** Atyň maňlaýyna dökülip duran ýal. **23.** Arap elipbiýiniň on sekizinji harpy. **24.** Köne mata bölegi. **25.** Aýak (köne söz). **26.** Demirgazyk Afrikadaky dag. **27.** Germaniýanyň awtoulag kompaniýasy. **28.** «Gözüňe sürme ýaraşar, biliňe tirme ýaraşar, saçyňa ... ýaraşar, saçlary şamar Hatyja» (Seýdi). **30.** Pul birligi. **31.** Iýmit iýmek üçin gural, kaşyk. **33.** Geplemekden mahrum bolan. **34.** Tarap, ugur, ýer. **35.** Arka, ýeňse. **36.** Hünär, iş, pişe. **37.** Üzümiň bir görnüşi. **42.** Ysgyn, güýç. **43.** Hiç işi başarmaýan, emelsiz. **44.** Gündogar Afrikada bir ýurt. **46.** Agzap geçilme, ady tutulma. **47.** Materiýanyň hereketlenişiniň ölçegi we iş öndürip biliş ukyby.

35-nji krosswordyň jogaby:



skanwordyň jogaby:





## 37-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **2.** Braziliýaly futbolçylaryň biri. **3.** Iýilýän esasy iýmit. **4.** Güýjüň, agramyň ölçeg birligi. **5.** Ýylan tutýan adam. **6.** Küştüň esasy çöpi. **7.** Ýokary hilli ýalpyldawuk çüýşe, şol çüýşeden ýasalan gap. **8.** Tans we üm hereketleri bilen ýerine ýetirilýän teatr oýny. **10.** Gyrgyzystanyň «Alaý» futbol toparyna wekilçilik edýän şäher. **11.** Ýokluk görkezýän baglaýjy kömekçi. **12.** Çekijiň, paltanyň sapy gymyldamaz ýaly kakylýan ýasyja agaç bölegi. **14.** Dabaraly geçirilýän üýşmeleň, meýlis. **17.** Aýakgap tikilýän işlenen deri. **18.** Dost-ýar, tanyş. **20.** Relsiň üstünde ýöreýän ulag serişdesi. **22.** Ýüzi syrçaly, gurluşykda ulanylýan bezeg daşy. **23.** Senegally meşhur futbolçy. **25.** Iňlislerde erkeklere ýüzlenilende aýdylýan söz. **27.** «Perzende ata gorgan, ... – gurban» (nakyl). **30.** Owadan gülli, süýji miweli agaç. **33.** Tailandyň goňşy döwleti. **36.** Fransiýaly ezber futbolçy. **38.** Hile, tor gurmak. **39.** Gum içindäki tümmek-tümmek şor ýer. **40.** Bowlingde şar bilen urlup ýykylýan nyşana. **41.** Nota. **43.** Müçe hasabynyň bäşinji ýyly. **44.** Üstaşyr harytlardan alynýan gümrük haky. **45.** «Suratyna bakma – syratyna ...» (nakyl). **46.** Awtoulagyň ugruny kesgitleýän, dolandyrýan bölegi. **47.** Ata nal kakylanda ulanylýan çüý. **48.** Bal arylarynyň işläp çykarýan maddasy. **52.** Gowy, eziz. **54.** Kösükliler maşgalasyna degişli ösümlik. **56.** «Al» diýen manyda ulanylýan ümlük. **58.** Ugurdaş ýolagçy, gürrüňdeş adam. **60.** Bellik üçin jüýjeleriň aýagyna daňylýan ýüpjagaz. **62.** Aşyk oýny. **63.** Sözlem agzasy. **64.** Dutar çalýan adam. **66.** Gaýtadan, ýaňadan. **67.** Käbir ösümligiň çigidinden alynýan önüm. **69.** Ispan awtoulag kompaniýasy. **70.** Köçäniň bölünýän, biri-birinden aýrylýan ýeri. **71.** Ýumurtgasynyň daşy menekli tokaý guşy. **72.** Çaganyň päki degmedik ilkinji saçy. **74.** Ýerasty baýlyklar, magdan gazylyp alynýan ýer. **76.** Edeplilik, sypaýylyk. **78.** Bir zadyň iň ýokarsy, beýik ýeri. **83.** Işlik ýasaýjy goşulma. **85.** «Dil bolmasa, ... bolmaz» (nakyl). **87.** Işligiň ýokluk galyby. **88.** Reňk.

**KESELIGINE:** **1.** Dabanyň yzky tarapy. **6.** Jemgyýetde belli bir orny eýeleýän adam. **9.** Toý bolup duran öý, toý geçirilýän ýer. **13.** Gymmatbaha gök ýa-da ýaşyl daş. **15.** Görkezme çalyşmasy. **16.** Nota. **17.** Bulaşyk, bulutly howa. **19.** Towlamak netijesinde salynýan burgy. **21.** Döwlet nyşany. **22.** Tokmajyklar arkaly kakylyp çalynýan saz guraly. **24.** Skandinaw ýurdy. **26.** Radio tolkunlaryny kabul edýän we tutýan enjam. **28.** Beden, syna. **29.** «Hatarda ... bolsa, ýük ýerde galmaz» (nakyl). **31.** Anha, hanha. **32.** Ýabany jandarlary tutmak bilen bagly pişe. **34.** Dürli işleri ýerine ýetirmäge ukyply mehanizm. **35.** Deň iki kesilen garpyzyň bir bölegi. **36.** Haýran galmagy aňladýan ümlük. **37.** Dileg edilende ulanylýan ümlük. **39.** Aýak üstünde, ör-boýuna. **41.** Basymy özüne geçirmeýän ownuk bölek. **42.** Alyp satýan söwdagär. **45.** «Liwerpulyň» braziliýaly derwezeçisi. **47.** Buzluk döwründe ýaşan, ösgün ýüňli, ullakan egri gyýakly jandar. **49.** Agyr zähmet, kynçylyk. **50.** «... mälär ýyl geçer, oglan aglar – gün» (atalar sözi). **51.** Haly telkermez ýaly gyrasyna sanjylyp çekdirilýän enjam. **53.** Ir-iýmiş şiresine süýt, krahmal goşulyp taýýarlanylýan goýaltmak. **55.** Kuwwatly amerikan awtoulagy. **57.** Ýylyň on ikiden bir bölegi. **59.** Yzyny üzmän, gaýta-gaýta. **61.** Dertli adama edilýän bejergi. **62.** Yşaratly ýüz, göz hereketleri. **63.** Genri Forduň oglunyň ady dakylan awtomobil. **65.** Zehinliligiň, döredijilik ukybynyň iň ýokary derejesi. **68.** Suwulgana meňzeş kiçijik ala süýreniji. **70.** Gelin-gyzlaryň öz aralarynda biri-birine ýüzlenende ulanýan sözi. **71.** Agaçly meýdan. **73.** Ters, jet. **75.** Arzan, gymmat däl. **77.** Görübilmezçilik edýän, bahyl. **79.** Deňizdäki, ummandaky ýaşaýyş zolakly ýer. **80.** Gerden, egin. **81.** Ýanan odunyň galyndysy. **82.** Çekinjeň. **83.** Işlik ýasaýjy goşulma. **84.** Grek elipbiýiniň on altynjy harpy. **86.** Ýerden gelýän girdeji. **87.** Jalbar tikilýän ýokary hilli galyň ýüň mata. **89.** Özbegistanyň gadymy şäherleriniň biri. **90.** Uly däl, göwrüm taýdan çaklaň.



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

## Bir sözlemde...

Tennis boýunça erkekleriň arasynda Toronto şäherinde geçirilen «Kanada Açyk Masters» ýaryşynda italiýaly Ýannik Sinner ýeňiş gazanyp, ol finalda awstraliýaly Aleks de Minory 6:4, 6:1 hasaplar bilen ýeňdi we ilkinji «Masters» kubogyny gazandy (umumylykda 8-nji ATP çempionlygy).

Tennis boýunça zenanlaryň arasynda Monrel şäherinde geçirilen «Kanada Açyk Masters» ýaryşynyň finalynda amerikaly Jessika Pegula russiýaly Lýudmila Samsonowany 6:1, 6:0 hasaplar bilen ýeňip, ilkinji «Masters», umumylykda 3-nji WTA kubogyny asmana göterdi.

Golf boýunça Angliýada geçirilen zenanlaryň arasyndaky 47-nji «AIG Women's British Open» ýaryşynda amerikaly Lilia Wu ýeňiş gazanyp, 1 million 350 müň dollarlyk pul baýragyna mynasyp boldy.

Germaniýanyň Super Kubogy duşuşygynda ýurduň kubogynyň eýesi «Leipsig» çempion «Bawariýanyň» Dani Olmonyň het-trigi (3, 44, 68 p) bilen 3–0 hasabynda ýeňip, ilkinji gezek bu arzyly kubogy eýelemegi başardy.




## Hepdäniň esasy duşuşyklary

18-nji awgust:
Werder – Bawariýa (23:30)

19-njy awgust:
**Baýer – Leipsig (18:30)**
Liwerpul – Bornmut (19:00)
**Tottenham – M. Ýunaýted (21:30)**
Frosinone – Napoli (21:30)
Borussiýa D – Köln (21:30)
Almeriýa – Real Madrid (22:30)
**Galatasaraý – Trabzonspor (23:45)**
Inter – Monza (23:45)
Man. Siti – Nýukasl (00:00)
Tuluza – PSŽ (00:00)

20-nji awgust:
**West Ham – Çelsi (20:30)**
**Spartak – Zenit (21:30)**
Barselona – Kadiz (22:30)
Udineze – Ýuwentus (23:45)

21-nji awgust:
Bolonýa – Milan (23:45)
K. Palas – Arsenal (00:00)

# Türkmenistanyň milli çempionaty dowam edýär

**Türkmenistanyň futbol çempionatynda 12–13-nji tapgyrlaryň hersinde 3 duşuşyk geçirildi. 12-nji tapgyrda ýer eýeleri ýeňiş gazanan bolsa, 13-nji tapgyrda 2 duşuşygynda myhmanlar üstün çykdy. 12-nji tapgyrda 13, 13-nji tapgyrda-da 6 gol hasaba alyndy.**

12-nji tapgyrda «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Köpetdag» bilen duşuşyp, 3–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Çekeleşikli geçen oýunda «Arkadag» toparynyň adyndan Şanazar Tirkişow (22), Begmyrat Baýow (49 p), Meýlis Durdyýew (82), «Köpetdag» toparyndan Aly Zülfakar (80) hem-de Döwletmyrat Seýitmuhammedow (83) tapawutlandy.

Şeýle-de, «Nebitçi» topary öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyny 6-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ýer eýeleriniň gollaryny Magtymberdi Berenow (6), Akmämmet Metdäýew (23 p, 57), Döwran Berdiýew (41, 67) hem-de Abdymuhammet Begjanow (90+1) geçirdi. «Aşgabat» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa Döwrangeldi Jumaýew (73) derwezä girizdi.

«Energetik» topary-da «Şagadamdan» Aşyr Jumadurdyýewiň 74-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda 1–0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda 8 futbolçy sary kart aldy.

13-nji tapgyryň çäginde sanawyň lideri «Arkadag» topary myhmançylykda «Şagadam» toparyndan 1–0 hasabynda üstün çykdy. Myhmanlara ýeňiş getiren goly 90+5-nji minutda penaltiden Didar Durdyýew geçirdi.

«Aşgabat» bilen «Energetik» toparlarynyň arasyndaky duşuşykda-da ýeke gol hasaba alyndy. Duşuşykda paýtagtyň adybir topary Söhbet Allanurowyň goly bilen 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Ol oýnuň dowamynda penalti ugrusyndan ýerlikli peýdalanyp bilmedi.

Kem-kemden özüni dürseýän «Ahal» topary myhmançylykda «Köpetdagy» 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Ahal» toparynyň gollaryny Elman Tagaýew, Daýanç Durdyýew, Begenç Mämiýew derwezä girizdi. «Köpetdag» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa 71-nji minutda penaltiden Şamämmet Hydyrow öz adyna ýazdyrdy.

14-nji tapgyrda 19-njy awgustda «Ahal»—«Şagadam», «Altyn asyr»—«Köpetdag», «Energetik»—«Nebitçi» hem-de 20-nji awgustda «Arkadag»—«Aşgabat» duşuşyklary geçiriler.



TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 10 | 10 | 0 | 0 | 35–9 | 30 |
| 2 | «NEBITÇI» | 11 | 7 | 1 | 3 | 19–10 | 22 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 10 | 6 | 2 | 2 | 19–8 | 20 |
| 4 | «KÖPETDAG» | 12 | 5 | 2 | 5 | 16–19 | 17 |
| 5 | «AŞGABAT» | 11 | 5 | 1 | 5 | 15–20 | 16 |
| 6 | «ENERGETIK» | 11 | 4 | 0 | 7 | 8–18 | 12 |
| 7 | «AHAL» | 10 | 3 | 0 | 7 | 10–17 | 9 |
| 8 | «ŞAGADAM» | 12 | 2 | 1 | 9 | 6–20 | 7 |
| 9 | «MERW» | 9 | 1 | 3 | 5 | 8–15 | 6 |

# BU GEZEK ÝEŇIŞ GAZANMAK BAŞARTMADY

**UEFA Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyryna çykan toparlaryň birinden galany belli boldy.**

«Ferenswaroşdyr» «BK Hakeni» ýaryşdan çykaran Farer adalarynyň çempiony «KI Klakswik» 1-nji duşuşykda «Moldeni» 2–1 hasabynda ýeňipdi. Ýöne 2-nji duşuşykda goşmaça wagtda Eriksen (17) we Linnesiň (112) geçiren gollary esasynda 2–0 asgyn gelen «KI Klakswik» topary



üçin ýaryş tamamlandy. Farer adalarynyň wekili ilkinji gezek 3-nji saýlama tapgyryna çenli gelmegi başardy. «KI Klakswik» topary Ýewropa Ligasynyň pleý-off tapgyrynda ýaryşy dowam etdirer.

Milli çempionatlarynda ilkinji gezek çempionlyk gazanan 2 klubuň arasyndaky oýunda «Aris» öz meýdançasynda-da «Rakuw» toparyndan asgyn geldi. Tudoryň 49-njy minutdaky goly bilen ýeňiş gazanan «Rakuw» pleý-off tapgyryna çykdy. 1-nji oýunda polýak topary 2–1 hasabynda üstün çykypdy. Türkiýäniň «Galatasaraý» topary öz meýdançasynda «Olimpiýa Lýublýanany» Ikardiniň ýeke-täk goly esasynda 1–0 utdy. Türk kluby 1-nji oýunda 3–0 ýeňiş gazanypdy.

Daniýada golsuz deňme-deň oýnan «Slawiýa» bilen «Kopengageniň» Pragadaky duşuşygynyň esasy wagty 1–1 deňlikde tamamlandy (Birmançewiç 80 — Larsson 1). Goşmaça wagtda-da toparlaryň hersi ýene 2 gol geçirdi (Laçi 105, Olatunji 107 — Klassen 105+3, 112). AEK myhmançylykda «Dinamo Zagrebi» 2–1 hasabynda ýeňdi. Jogap duşuşygy 19-njy awgustda oýnalar.

**«Marsel» üçin garaşylmadyk ýeňliş**

Çempion däl klublaryň arasynda Fransiýanyň «Marsel» grekleriň «Panatinaikos» toparyndan asgyn gelip, ýaryşyň daşynda galdy. Myhmançylykda 1–0 utulan «Marsel» öz meýdançasynda täze transfer Obameýangyň 2-nji we 45+1-nji minutlardaky gollary bilen 2–0 öňe geçdi. Ýöne 90+9-njy minutda bellenen penaltini Ioannidisiň dürs urmagyndan soň goşmaça 30 minut oýnalmaly boldy. Netijede, penaltilerde 5–3 utulan «Marsel» ýoluny Ýewropa Ligasynda dowam etdirer. «Braga» bilen PSW toparlary 2-nji duşuşyklarynda hem uly hasaply ýeňişler gazandylar. Öz meýdançasynda 2–1 ýeňiş gazanan «Reýnjers» myhmançylykda «Sewrette» bilen 1–1 deňme-deň oýnap, pleý-off tapgyryna çykdy.

Pleý-off tapgyrynda «Makkabi Haýfa» bilen Şweýsariýanyň çempiony «Ýang Boýz», «Rakuw» bilen «Kopengagen», «Molde» bilenem «Galatasaraý» duşuşar. Belgiýanyň çempiony «Antwerpen» toparynyň garşydaşy-da AEK ýa-da «Dinamo Zagreb» bolar. «Reýnjers» bilen PSW, «Braga» bilenem «Panatinaikos» toparçalara çykmak üçin özara güýç synanyşarlar. Pleý-off tapgyrynyň oýunlary 22–23-nji hem-de 29–30-njy awgustda oýnalar.

**3-nji saýlama tapgyryň jogap oýunlarynyň netijeleri:**

«Aris» (Kipr)—«Rakuw Çenstohowy» (Polşa): 0–1 (1–2), «Makkabi Haýfa» (Ysraýyl)—«Slowan Bratislawa» (Slowakiýa): 3–1 (2–1), «Galatasaraý» (Türkiýe)—«Olimpiýa Lýublýana» (Sloweniýa): 1–0 (3–0), «Slawiýa Praga» (Çehiýa)—«Kopengagen» (Daniýa): 3–3, g.w., 2–4 p (0–0), «Molde» (Norwegiýa)—«KI Klakswik» (Farer adalary): 2–0 g.w. (1–2), «Dinamo Zagreb» (Horwatiýa)—«AEK Afiny» (Gresiýa): 1–2 (19-njy awgustda), TSS (Serbiýa)—«Braga» (Portugaliýa): 1–4 (0–3), «Serwette» (Şweýsariýa)—«Reýnjers» (Şotlandiýa): 1–1 (1–2), «Marsel» (Fransiýa)—«Panatinaikos» (Gresiýa): 2–1 g.w. 3–4 p (0–1), «Şturm Gras» (Awstriýa)—PSW (Niderlandlar): 1–3 (1–4).

**Pleý-off tapgyryň duşuşyklary:**

«Makkabi Haýfa»—«Ýang Boýz», «Rakuw Çenstohowy»—«Kopengagen», «Molde»—«Galatasaraý», «Antwerpen»—AEK/«Dinamo Zagreb», «Reýnjers»—PSW, «Braga»—«Panatinaikos».

# «MERW» AFK KUBOGYNYŇ SAÝLAMA TAPGYRYNDA ÝEŇIŞ GAZANDY

Aziýa klublarynyň arasyndaky 2-nji derejeli ýaryş bolan AFK Kubogynyň saýlama tapgyrynda Marynyň «Merw» topary ýeňiş gazandy. Maryda geçirilen duşuşykda «Merw» topary Gyr-



gyz Respublikasynyň «Alaý» toparyny kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda «Merw» 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Merw» toparyna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 13-nji minutda Musa Nazarow öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, «Merw» topary 17 ýyldan soň çykyş edýän ýaryşynda pleý-off tapgyryna çykdy. Ildeşlerimiz pleý-off tapgyrynda Täjigistanyň çempionatynyň 3-nji orunda tamamlan «Hujand» topary bilen myhmançylykda duşuşar. Duşuşyk 22-nji awgustda Hujand şäherindäki «Garaşsyzlygyň 20 ýyllygy» stadionynda oýnalar. «Merw» bu duşuşykda ýeňiş gazanan ýagdaýynda ýaryşyň toparçalaýyn tapgyryna çykyş etmäge mümkinçilik alar. «Merw» topary toparçalarda çykyş etmäge hukuk gazansa, paýtagtymyzyň «Altyn asyr», Täjigistanyň «Rawşan» hem-de Gyrgyz Respublikasynyň «Abdyş-Ata» toparlary bilen Merkezi Aziýa sebitiniň toparçasyna düşer. AFK-nyň Kubogy-2023/24-iň Merkezi Aziýa sebitindäki toparçalaýyn bäsleşigi şu ýylyň 20-nji sentýabry — 14-nji dekabry aralygynda geçiriler.

# ISPANIÝA BILEN ANGLIÝA ILKINJI ÇEMPIONLYGYNA YMTYLÝAR





**Zenanlaryň arasyndaky 9-njy Dünýä Kubogynda finala çykan toparlar belli bolup, Ispaniýa bilen Angliýanyň ýygyndylary ilkinji gezek çempionlyga ymtylýar.**

Çärýek final duşuşyklarynda Ispaniýanyň ýygyndysy Niderlandlaryň ýygyndysyny goşmaça wagtda 2–1 hasabynda ýeňdi. Ispaniýanyň gollaryny Kaldenteý (81 p) hem-de Paralluelo (111), Niderlandlaryň ýeke-täk goluny Wan der Gragt (90+1) geçirdi.

Awstraliýa bilen Fransiýanyň arasyndaky oýnuň esasy hem-de goşmaça wagtynda hasap açylmady. Netijede, penalti urgularyý ýerine ýetirildi. Penaltilerde deňlik 10-njy urgulardan soň üýtgäp, Awstraliýa 7–6 hasabynda ýeňişi baýram etdi. Şweýsariýanyň ýygyndysy Ýaponiýany (Ilestedt 32, Anjeldal 51 p — Haýaşi 87), Angliýanyň ýygyndysy-da Kolumbiýany (Hemp 45+7, Russo 63 — Santos 44) 2-1 hasaplar bilen ýeňdi.

**4-nji GEZEK ÝARYM FINALDA UTULDY**

Ýarym final duşuşyklary çekeleşikli ýagdaýda geçdi. 4 toparyň 2-si ilkinji gezek iň gowy 4 ýygyndynyň arasyna düşüp, Ispaniýanyň ýygyndysy Şweýsariýany 2–1 hasabynda utdy. Gollaryň 3-si hem soňky 10 minutda geçip, 81-nji minutda ispanlar Paralluelonyň goly bilen öňe saýlandy. 88-nji minutda Blomkwist hasaby deňlese-de, 89-njy minutda Karmona Ispaniýanyň ýygyndysyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Şweýsariýanyň ýygyndysy ýarym finalda 4-nji gezek ýeňlip, olar şu wagta çenli diňe 1 gezek — 2006-njy ýylda finala çykypdy. Onda-da Şweýsariýa Germaniýadan asgyn gelip, kümüş medala mynasyp bolupdy. Şweýsariýanyň ýygyndysy 1991-nji, 2011-nji hem-de 2019-njy ýyllarda ýaryş finalda utulyp, soňlugy bilen, bürünç medal gazanypdylar.

Ýarym finalyň beýleki duşuşygynda Angliýanyň ýygyndysy ýer eýeleri Awstraliýanyň ýygyndysy bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda iňlisler 3-1 hasabynda ýeňişini baýram etdi. Angliýanyň ýygyndysyna ýeňiş getiren gollary Ella Tun (36), Loren Hemp (71) hem-de Alessia Russo (86) geçirdi. Ilkinji gezek ýarym finala çykan Awstraliýanyň ýeke-täk goluny «Çelsi» klubunda oýnaýan Sem Kerr (63) öz adyna ýazdyrdy.

Ilkinji gezek finala çykan Ispaniýa bilen Angliýanyň arasyndaky final duşuşygy 20-nji awgustda oýnalar. Sidneýdäki «Australia» stadionynda oýnaljak final Aşgabat wagty bilen 15:00-da başlar. Ýeňiş gazanan ýygyndy Dünýä Kubogynyň täze eýesi bolar. Şeýle-de, 19-njy awgustda Brisbanda Şweýsiýa bilen Awstraliýanyň arasynda bürünç medal ugrundaky duşuşyk hem geçiriler.

# «MANÇESTER SITI» UEFA SUPER KUBOGYNYŇ TÄZE EÝESI

**UEFA Çempionlar Ligasynyň hem-de Ýewropa Ligasynyň ýeňijileriniň arasynda geçirilýän Super Kubogy duşuşygynda «Mançester Siti» topary ýeňiş gazandy. Gresiýanyň Pireý şäherindäki Georgios Karaiskakisiň adyny göterýän stadionda geçirilen duşuşyga 29 207 janköýer tomaşa etdi.**

Fransiýaly Fransua Leteksieniň eminlik eden 48-nji UEFA Super Kubogy duşuşygynda ilkinji bolup ispan kluby, Ýewropa Ligasynyň çempiony «Sewilýa»



hasaby açdy. Oýnuň 25-nji minutynda çep gapdaldan Akunýanyň beren pasyndan soň topy kellesi bilen uran En-Nesiri «Sewilýany» 1–0 hasabynda öňe çykardy.

Duşuşygyň 2-nji ýarymynda oýnuň jylawy iňlis klubunyň elinde bolsa-da, 49-njy minutda En-Nesiri örän amatly pursatdan peýdalanyp bilmedi. Oýnuň 63-nji minutynda Rodriniň jerime meýdançanyň içine geçiren topuny kellesi bilen derweze gönükdiren Palmer hasaby deňledi. Duşuşykda şondan soň hasap üýtgemedi.



Täze düzgüne görä, goşmaça wagt berilmezden, toparlar penalti urgularyny ýerine ýetirdi. «Mançester Sitide» urgulary ýerine ýetiren 5 futbolçy hem — Holann, Alwares, Kowaçiç, Griliş, Wolker penaltini ýalňyşsyz urmagy başardylar. «Sewilýada» bolsa ilkinji 4 urgyny uran Okampos, Rafa Mir, Rakitiç hem-de Montieliň urgulary takyk boldy. 5-nji urgyny uran Gudeliň urgusy sütünden ýzyna gaýtdy. Netijede, 5–4 hasabynda öňe saýlanan «Mançester Siti» topary taryhynda ilkinji gezek UEFA Super Kubogyny eýelemegi başardy. «Mançester Siti» bu kubogy gazanan 7-nji iňlis kluby, umumylykda 25-nji klub hökmünde hasaba alyndy. «Mançester Siti» taryhynda-ky 33-nji kubogyny asmana göterdi. «Mançester Siti» soňky 11 ýylda bu kubogy gazanan täze topar bolýar. «Mançester Sitiden» öň «Bawariýa» bu kubogy gazanan iň täze klubdy. Şeýle-de, soňky 11 ýylda 10-njy gezek Çempionlar Ligasynyň ýeňijisi UEFA Super Kubogyny gazandy.

Toparyň tälimçisi Pep Guardiola 4-nji gezek UEFA Super Kubogyny gazanyp, bu ugurda Karlo Ançelottiniň rekordyna şärik boldy. Şeýle-de, Guardiola bu kubogy 3 klub bilen gazanan ilkinji tälimçi diýlip bellige alyndy. Bu onuň kariýerasyndaky 36-njy kubogydyr. Guardiola «Mançester Siti» bilen 7 ýylyň dowamynda 15-nji kubogyny gazandy.

«Sewilýa» topary bolsa 7-nji gezek UEFA Super Kubogy duşuşygyna çykyp, 6-njy sapar ýeňlişe sezewar boldy. Ilkinji synanyşygynda, 2006-njy ýylda «Barselonany» 3–0 ýeňip, bu kubogy alan «Sewilýa» şondan soňky 6 oýunda ýeňiş gazanmak başartmady. «Sewilýa» kluby UEFA Super Kubogy duşuşyklarynda iň köp utulan topar bolup, andalusiýalylar bu duşuşykdan öň 2007-nji ýylda «Milandan» 3–1, 2014-nji ýylda «Real Madridden» 2–0, 2015-nji ýylda «Barselonadan» goşmaça wagtda 5–4, 2016-njy ýylda «Real Madridden» 3–2, 2020-nji ýylda-da «Bawariýadan» 2–1 asgyn gelipdi.

UEFA Super Kubogyny 28-nji gezek UEFA Çempionlar Ligasynyň çempiony gazanmagy başardy. Ozal geçirilen UEFA Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynyň ýeňijileri 12, UEFA Ýewropa Ligasynyň çempionlary-da 8 gezek UEFA Super Kubogyny asmana göterdiler.

Ilkinji gezek resmi ýagdaýda 1973-nji ýylda oýnalan UEFA Super Kubogyny iň köp «Milan» (1989, 1990, 1994, 2003, 2007), «Real Madrid» (2002, 2014, 2016, 2017, 2022) hem-de «Barselona» (1992, 1997, 2009, 2011, 2015) klublary gazandylar. Olar bu arzyly kubogy 5 gezek eýelemegi başardylar. Şeýle-de, «Liwerpul» 4 (1977, 2001, 2005, 2019), «Atletiko Madrid» 3 (2010, 2012, 2018), şol sanda «Walensiýa» (1980, 2004), «Aýaks» (1973, 1995), «Ýuwentus» (1984, 1996), «Bawariýa» (2013, 2020), «Çelsi» (1998, 2021) hem-de «Anderleht» (1976, 1978) 2 gezek eýelediler. «Dinamo Kiýewiň» (1975), «Nottingam Forestiň» (1979), «Aston Willanyň» (1982), «Aberdiniň» (1983), «Stýuanyň» (1986), «Portonyň» (1987) «Meheleniň» (1988), «Mançester Ýunaýtediň» (1991),





«Parmanyň» (1993), «Lasionyň» (1999), «Galatasaraýyň» (2000), «Sewilýanyň» (2006), «Zenitiň» (2008) hem-de «Mançester Sitiniň» (2023) 1 UEFA Super Kubogy bar.

«Barselona» 4, «Porto», «Real Madrid», «Bawariýa», «Çelsi» 3, «Milan», «Liwerpul» hem-de «Hamburg» 2 gezek ýeňlişe sezewar boldy.

Aslynda Super Kubok duşuşygy ilkinji gezek 1972-nji ýylda geçirilýär, ýöne «Aýaksyň» gazanan şol kubogy UEFA tarapyndan guralmandygy üçin resmi ýagdaýda hasaba alynmaýar.

UEFA Super Kubogyň ýeňijisine 5 million ýewro, utulan topara bolsa 3,8 million ýewro pul baýragy berilýär.

***Toparlar şu düzümde meýdança çykdylar:***

**«MAN. SITI» (4-2-3-1):** Ederson; Wolker (k), Akanži, Ake, Gwardiol; Kowaçiç, Rodri; Palmer (Alwares 85), Foden, Griliş; Holann; Tälimçi: Pep Guardiola

**«SEWILÝA» (4-2-3-1):** Bunu; Nawas (k) (Montiel 83), Bade, Gudel, Akunýa; Hordan, Rakitiç; Okampos, Oliwer Torres (Huanlu 74), Lamela (Suso 90+3); En-Nesiri (Rafa Mir 90+3); Tälimçi: Hose Luis Mendilibar.

# NEÝMAR HEM SAUD ARABYSTANYNDA

Saud Arabystanynyň klublary ýylydyz transferinden doýanok. Ýewropanyň esasy ýyldyzlarynyň biri, PSŽ toparynyň braziliýaly super ýyldyzy Neýmar hem täze moda eýerip, ugruny Aziýa yklymyna tarap gönükdirdi. «Al Hilal» topary PSŽ-niň ýyldyzy Neýmar Juniory goşmaçalar bilen 120 million ýewro transfer etdi. 31 ýaşyndaky hüjümçi «Al Hilal» bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Arap kluby täze 10-njy belgili oýunçysyna şol 2 ýyl üçin



160 million ýewro hak töläř. Neýmar PSŽ-de 6 möwsüm çykyş etdi. Ol Parižlileriň düzüminde 173 oýunda 118 gol geçirdi. 4 möwsüm «Barselonada» oýnan Neýmar 2017-nji ýylda PSŽ toparyna 222 million ýewro (ähli döwürleriň iň gymmat transferi) geçipdi. Neýmar futbola 2009-njy ýylda öz ýurdunyň «Santos» toparynda başlapdy.

«Al Hilal» toparynda Sergeý Milinkowiç-Sawiç, Malkom, Kalidu Kulibali, Ruben Neweş ýaly ýyldyzlar çykyş edýär.

# «BAWARIÝA» KEÝNI TRANSFER ETDI

Uzaga çeken gepleşiklerden soň ahyry «Bawariýa» topary arzuwyna gowuşdy. «Tottenham» toparynyň ýyldyz hüjümçisi Harri Keýn mundan soň kariýerasyny «Bundesliganyň» «Bawariýa» toparynda dowam etdirer. Bu barada resmi maglumat mälim edildi. «Bawariýa» topary 30 ýaşyndaky oýunçy üçin londonlylara 100+10 million ýewro berer. Şertnamanyň möhleti 4 ýyllyk bolup, angliýaly oýunçy münhenlilerden ýylda 25 million ýewro hak alar. Ol täze klubunda 9-njy belgili köýnekçäni geýer.



Keýniň şu gün Germaniýanyň Super Kubogy duşuşygynda «Leipsig» bilen geçirijek duşuşykda meýdança çykmagyna garaşylýar.

«Tottenhamda» 10 ýyldan bäri çykyş edip gelýän ýyldyz oýunçy londonlylaryň düzüminde 435 oýunda 280 gezek tapawutlandy. «Premier Liganyň» iň netijeli 2-nji (213 gol) futbolçysy bolan Keýn kariýerasynyň başlarynda «Leýton Orient», «Milwoll», «Norwiç Siti», «Lester Siti» klublarynda kärendesine oýnady.

# PSŽ «Barselonanyň» ýyldyzyny düzümine goşdy

Fransiýanyň çempiony PSŽ Ispaniýanyň çempiony «Barselonanyň» ýarymgorgaçysy, ýöriger Usman Dembeleni öz düzümine goşdy. Parižliler 26 ýaşyndaky oýunçynyň transfer tölegi hökmünde katalonlara 50,4 million ýewro berer. Dembele PSŽ bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşyp, ol täze klubunda 23-nji belgili köýnekçäni geýer. Dembele özüniň PSŽ toparyna transfer bolmagy bilen baglanyşykly: — PSŽ toparynyň oýunçysy bolanyma örän şat. Bu toparyň düzüminde meýdança çykmaga howlukýaryn. Bu ýerde ýeňişler gazanyp, janköýerlerimizi begendirmek isleýärin — diýip, beýanat berdi.



Dembele «Renn» toparynda futbola başlap, ol 2016-njy ýylda «Borussiýa Dortmunda» transfer bolupdy. Bu klubda 50 oýunda 10 gol geçiren Dembeleni «Barselona» kluby 2017-nji ýylda tomsunda 105+40 million ýewro transfer edipdi. Dembele «Barselonada» 185 duşuşykda 40 gezek tapawutlandy.

# «SERIE A»-NYŇ HEM-DE «BUNDESLIGANYŇ» TÄZE MÖWSÜMI

**Ýewropada öňdebaryjy çempionatlaryň ähli-si diýen ýaly başlap, galanlary-da şu gün ýa-da ertir täze möwsüme badalga berer. UEFA-nyň sanawynda 3–4-nji orunda bolan «Serie A»-nyň hem-de «Bundesliganyň» täze möwsümlerinde futbol janköýerlerine ýene-de biri-birinden gyzykly duşuşyklar garaşýar.**

Geçen möwsümde 3 kluby UEFA-nyň ýaryşlarynda finala çykyp, 3-sinde hem utulan Italiýanyň çempionaty «Serie A»-nyň täze —122-nji, «Serie A» adyny alanyndan soň 92-nji möwsümi ertir badalga alar. 20 klubuň çykyş edýän çempionatynda transfer möwsüminde azy ýaran transferler bolmady. «Inter», «Milan», «Napoli», «Lasio», «Ýuwentus», «Roma» klublary çempionlygyň esasy dalaşgärleri hasaplanýar. Toparlaryň düzümlerine seredeniňde, haýsysynyň çempion boljakdygyny öňünden kesgitlemek o diýen ýeňil däl. Görnetin tapawutlanyp duran klub ýok bolup, ady agzalan klublar öňe saýlanýan toparlardyr. 20 klubuň 16-syna ýerli tälimçiler tälim berip, Portugaliýadan 2, Fransiýadyr Horwatiýadan 1 tälimçi bar.

«Frozinone» topary 4 ýyllyk arakesmeden soň «Serie B»-de çempionlyk gazanyp, ýokary liga çykdy. «Jenoa» bilen «Kaliari» toparlary 1 ýyldan soň «Serie A» gaýdyp gelmegi başardylar.

**«INTER»:** 2 ýyl öň çempionlyk gazanan «Inter» toparynyň düzüminden Şkriniar, Jeko, Lukaku, Onana, Gosens, Brozowiç, ýaly oýunçylar başga klublara gitdiler. Turam, Ýann Bissek, Kuadrado, Sommer, Frattesi, Arnautowiç ýaly oýunçylary transfer eden «Inter» toparynyň janköýerleri Martinese, Çalhanogluna, Mhitarýana, Barella hem-de tälimçisi Simona Inzagä uly ynam bildirýär.

**«MILAN»:** «Interiň» şäherdeşi, köne bäsdeşi «Milan» aslynda transfer möwsümine işjeň gatnaşan klublaryň biri boldy. Esasy ýyldyzy Tonalini «Nýukasla» ugradan italýan topary Pulişiç, Okafor, Loftus-Çik, Çukwueze ýaly oýunçylary transfer etdi. Esasy ýyldyzy Rafael Leaony toparda alyp galan «Milanyň» çempionlyk ugrunda ýiti göreş alyp barjak toparlaryň biri bolmagyna garaşylýar.

**«NAPOLI»:** 33 ýyldan soň 3-nji çempionlygyny gazanan «Napoli» toparyndaky iň uly üýtgeşiklik tälimçi Luçano Spallettiniň wezipesini taşlamagy boldy. Onuň ornuna «Serie A»-da ozalam tejribesi bolan Rudi Garsiýa wezipä bellendi. Şol



bir wagtyň özünde Osimhem, Kwarasheliýa ýaly oýunçylaryny transfere goýbermedik «Napolide» goragçy Kim Min Çže başga topara geçdi. Başgaça aýdylanda, klub umumylykda çempionlyk gazanan düzümi saklady diýse bolar.

**«LASIO»:** Geçen möwsümi 2-nji orunda tamamlan «Lasio» tälimçisi Maurisio Sarriniň ýolbaşçylygynda 3-nji möwsümine gadam basýar. Esasy ýyldyzlaryndan Milinkowiç-Sawiçi Saud Arabystanyna ugradan «Lasio» onuň öwezini Kamada bilen doldy. Toparda Immobile, Pedro, Wesino, Alberto ýaly oýunçylar bar.

**«ÝUWENTUS»:** Ähli babatda galagoply möwsümi başdan geçiren «Ýuwentus» toparynyň täze möwsümde bar küýi ýerli bäsleşikler bolar. UEFA-nyň ýaryşlaryndan 1 ýyllyk çetleşdirilen Massimiliano Allegriniň tälimçiligindäki klub düzümine Timoti Weany goşdy. Onsuzam Kieza, Wlahowiç, abio, Kostiç, Pogba, Bonuççi, Sandro, Danilo ýaly kagyz ýüzünde «Serie A»-nyň iň güýçli oýunçylaryny özünde jemleýän «Ýuwentus» toparyna 3 ýyldan bäri çempion bolmak başardanok. Her näme-de bolsa, «Ýuwentus» ähli döwürlerde bolşy ýaly, ýene-de çempionlygyň esasy dalaşgärleriniň biridir.

**«ROMA»:** Özboluşly tälimçi Mourinionyň tälimçiligindäki «Roma» topary-da çempionlyk kubogyny paýtagta getirmek üçin göreş alyp barjak klublaryň biridir. Transfer möwsüminde düzümini Auar, Ndika, Parades, Renato Sanşeş ýaly oýunçylar bilen güýçlendiren klub Dibala, Pellegrini, Abraham, Spinizzola ýaly oýunçylaryna bil baglaýar.

**«ATALANTA»:** Tomusky transfer möwsüminiň işjeň klublarynyň biri bolan «Atalanta» toparyna 2016-njy ýyldan bäri Jan Pier Gasperini tälim berýär. Topar bu möwsümde hem edil çempionlyk bolmasa hem öňdäki orunlara ymtylar.

* * *

**«BAWARIÝA» WE BEÝLEKILER**

Germaniýanyň çempionaty «Bundesliganyň» 61-nji möwsümine şu gijeki «Werder»–«Bawariýa» duşuşygy bilen badalga berler. Geçen möwsümde taryhy çempionlyk gazanan «Bawariýa» gürrüňsiz täze möwsümiň hem çempionlygynyň iň esasy dalaşgäri hasaplanýar. Maý aýynda elindäki çempionlygy «Bawariýa» aldyran «Borussiýa Dortmund», şol sanda «Leipsig» hem-de «Baýer» klublary çempionlygyň beýleki dalaşgärleri hökmünde görkezilýär.

18 klubuň 12-sine ýerli hünärmenler tälim berse, legionerlerden şweýsariýaly 2, daniýaly, horwatiýaly, amerikaly 1 tälimçi bar.

«Darmştadt» topary 6 ýyldan soň liga dolanan bolsa, «Haýdenhaým» topary soňky minutlarda gazanan fantastik ýeňşi bilen taryhynda ilkinji gezek «Bundesligada» çykyş eder. Çempionatyň ýene bir aýratynlygy-da bu möwsüm «Bundesligada» şäher derbisi bolmaz. «Hertanyň» aşaky liga düşmeginden soň çempionat derbisiz galdy.

**«BAWARIÝA»:** Super Kubok ýaryşynda «Leipsigden» utulyp, möwsüme şowsuz başlan klub Maneni, Luka Hernandesi, Sommeri klubdan ugratdy. Olaryň ornuna Keýn, Laýmier, Gerreýro, Kim Min Çže ýaly oýunçylary transfer etdi. Tomas Tuheliň tälimçiligindäki klub ähli ýaryşlaryň esasy faworiti hasaplanýar. Bu möwsümde-de «Bawariýa» çempionlyk gazansa, onda olar bassyr 12-nji çempionlygyny alyp, Ýewropanyň rekordyna ýene bir ädim golaýlaşarlar.



**«BORUSSIÝA D»:** Gynançly ýagdaýda çempionlygy «Bawariýa» «sowgat eden» «Borussiýa Dortmund» esasy ýyldyzy Bellingamy «Real Madride» ugratdy. Sabitser, Nmeça, Bensebaini ýaly oýunçylary-da düzümine goşan dortmundlylar şol agza-burna gelen çempionlygy yzyna alyp, janköýerlerini ençeme ýyldan soň begendirmek üçin elde baryny gaýgyrmazlar.

**«LEIPSIG»:** «Bundesliga» çykanyna, hatda esaslandyrylanyna köp wagt geçmese-de, köpleriň ünsüni çekmegi başaran «Leipsig» gazanylan Super Kubokdan, şol sanda transfer edilen oýunçylardan soň çempionlyk ugrunda-da ýiti göreş alyp barjaga meňzeýär. Nkunku, Gwardiol, Soboslai ýaly oýunçylaryň transferinden ep-esli pul gazanan topar olaryň ornuna-da pes oýunçy almady. Openda, Şeşko, Simons, Lukeba, Baumgartner, Seiwald ýaly futbolçylar düzüme goşuldy.

**«BAÝER»:** Çabi Alonsonyň tälimçiliginde şowly oýun görkezýän «Baýer» topary edil çempion bolmasa-da öňdäki orunlar ugrunda göreş alyp barjak toparlaryň biri bolar.

### Italiýanyň çempionaty «Serie A»-nyň 2023/2024 möwsümi

| KLUBLAR — ŞÄHERI | STADIONY — TOMAŞAÇY | TÄLIMÇI | KÖÝNEKÇE |
|---|---|---|---|
| «Atalanta» (Bergamo) | «Stadio Atleti Azzurri d'Italia»—21 000 | Jan Piero Gasperini | «Joma» |
| «Bolonýa (Bolonýa) | «Stadio Renato Dall'Ara» — 36 462 | Tiago Motta | «Macron» |
| «Kaliari» (Kaliari) | «Unipol Domus» — 16 416 | Klaudio Ranieri | «EYE Sport» |
| «Empoli» (Empoli) | «Stadio Carlo Castellani» — 16 284 | Paolo Zanetti | «Kappa» |
| «Fiorentina» (Florensiýa) | «Stadio Artemio Franchi» — 43 147 | Winçenzo Italiano | «Kappa» |
| «Frozinone» (Frozinone) | «Stadio Benito Stirpe» — 16 227 | Eýsebio Di Françesko | «Zeus» |
| «Jenoa» (Genue) | «Stadio Luigi Ferraris» — 36 599 | Alberto Jilardino | «Kappa» |
| «Hellas Werona» (Werona) | «Stadio Marcantonio Bentegodi» — 31 045 | Marko Baroni | «Joma» |
| «Inter» (Milan) | «San Siro» — 75 923 | Simone Inzagi | «Nike» |
| «Ýuwentus» (Turin) | «Juventus Stadium» — 41 507 | Massimiliano Allegri | «Adidas» |
| «Lasio» (Rim) | «Stadio Olimpico» — 70 634 | Maurisio Sarri | «Mizuno» |
| «Leççe» (Leççe) | «Stadio Via del mare» — 40 670 | Roberto D'Awersa | «M908» |
| «Milan» (Milan) | «San Siro» — 75 923 | Stefano Pioli | «Puma» |
| «Monza» (Monza) | «Stadio Brianteo» — 16 917 | Raffaele Palladino | «Lotto» |
| «Napoli» (Neapol) | «Stadio Diego Armando Maradona» — 54 726 | Rudi Garsiýa (FRA) | «EA7» |
| «Roma» (Rim) | «Stadio Olimpico» — 70 634 | Žoze Mourinio (PORT) | «Adidas» |
| «Salernitana» (Salerno) | «Stadio Arechi» — 37 180 | Paulo Sousa (PORT) | «Zeus» |
| «Sassuolo» (Sassuolo) | «Mapei Stadium — Citta del Tricolore» — 21 525 | Alessio Dionisi | «Puma» |
| «Torino» (Turin) | «Stadio Olimpico Grande Torino» — 28 177 | Iwan Ýuriç (HOR) | «Joma» |
| «Udineze» (Udine) | «Stadio Friuli» — 25 144 | Andrea Sottil | «Macron» |

### Germaniýanyň çempionaty «Bundesliga»-nyň 2023/2024 möwsümi

| KLUBLAR — ŞÄHERI | STADIONY — TOMAŞAÇY | TÄLIMÇI | KÖÝNEKÇE |
|---|---|---|---|
| «Augsburg» (Augsburg) | «WWK Arena» — 30 660 | Enriko Maassen | «Mizuno» |
| «Union» (Berlin) | «Stadion An der Alten Försterei» — 22 012 | Urs Fişer (ŞWEÝS) | «Adidas» |
| «Bohum» (Bohum) | «Vonovia Ruhrstadion» — 27 599 | Tomas Letç | «Mizuno» |
| «Werder» (Bremen) | «Wohninvest Weserstadion» — 42 100 | Ole Winner | «Hummel» |
| «Darmstadt 98» (Darmaştadt) | «Merck-Stadion am Böllenfalltor» — 17 650 | Torsten Liberkneht | «Craft» |
| «Borussiýa» (Dortmund) | «Signal Iduna Park» — 81 365 | Edin Terziç | «Puma» |
| «Aýntraht» (Frankfurt) | «Deutsche Bank Park» — 58 000 | Dino Toppmöller | «Nike» |
| «Fraýburg» (Fraýburg) | «Europa-Park Stadion» — 34 700 | Kristian Ştraýh | «Nike» |
| «Haýdenhaým» (Haýdenhaým) | «Voith-Arena» — 15 000 | Frank Şmidt | «Puma» |
| «Hoffenhaým» (Zinshaým) | «PreZero Arena» — 30 150 | Pellegrino Matarazzo (ABŞ) | «Joma» |
| «Köln» (Köln) | «RheinEnergieStadion» — 49 698 | Steffen Baumgart | «Hummel» |
| «RB Leipsig» (Leipsig) | «Red Bull Arena» — 47 069 | Mark Rouze | «Nike» |
| «Baýer» (Lewerkuzen) | «BayArena» — 30 210 | Çabi Alonso (ISP) | «Castore» |
| «Maýns» (Maýns) | «Mewa Arena» — 33 305 | Bo Swensson (DAN) | «Jako» |
| «Borussiýa» (Mönhengladbah) | «Borussia-Park» — 54 057 | Herardo Seoane (ŞWEÝS) | «Puma» |
| «Bawariýa» (Münhen) | «Allianz Arena» — 75 000 | Tomas Tuhel | «Adidas» |
| «Ştutgart» (Ştutgart) | «MHPArena» — 60 449 | Sebastian Hoeness | «Jako» |
| «Wolfsburg» (Wolfsburg) | «Volkswagen Arena» — 30 000 | Niko Kowaç (HOR) | «Nike» |

## Ronaldonyň «Al Nassr» toparyndaky ilkinji kubogy

● Arap klublarynyň Çempionlar Kubogy ýaryşynyň finalynda «Al Nassr» bilen «Al Hilal» toparlary duşuşdy. Taif şäherinde oýnalan duşuşykda «Al Nassr» goşmaça wagtda 2-1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Al Nassr» toparynyň gollaryny 74-nji hem-de 98-nji minutlarda Kristiano Ronaldo geçirdi. «Al Hilalyň» ýeke-täk goluny-da 51-nji minutda Mişael Rişard öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, «Al Nassr» 1981-nji ýyldan bäri geçirilýän bu ýaryşda ilkinji gezek çempionlyk gazandy. Şol bir wagtyň özünde bu ýeňiş Ronaldonyň «Al Nassr» toparyndaky ilkinji çempionlygydyr. Ol 6 gol bilen ýaryşyň iň netijeli futbolçysy bolmagy başardy.



## AGYR ŞIKES ALAN ÝYLDYZLAR

● «Çelside» täze transfer Kristofer Nkunkunyň şikes almagyndan soň «Premier Liganyň» çempiony «Mançester Sitiniň» ýyldyzy, belgiýaly ýarymgoragçy Kewin De Bruýne hem 4 aýlap meýdança çykyp bilmez. Iki oýunçy hem dyzyndan şikes aldy.



Şonuň ýaly «Real Madrid» hem täze möwsüme şikes babatda şowsuzlyklar bilen başlady. Ilki derwezeçi Tibo Kurtuanyň şikes alandygy mälim edildi. Operasiýadan soň tejribeli derwezeçiniň 7-8 aýlap toparyna kömegi degmez. Şol bir wagtyň özünde möwsümiň ilkinji duşuşygynda «Real Madridiň» braziliýaly goragçysy Eder Militao hem agyr şikes aldy. Duşuşygy göz ýaşlary bilen terk eden 25 ýaşyndaky goragçynyň geljek ýylyň aprel aýyndan öň meýdança dolanyp bilmejekdigi mälim edildi.

## TRANSFER TÄZELIKLERI

● Angliýanyň «Çelsi» kluby «Braýtonyň» ekwadorly ýarymgoragçysy Moises Kaisedony 115 million funt sterlinge transfer edip, 21 ýaşyndaky oýunçy bilen 8+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Kaisede «Premier Liganyň» taryhyndaky iň gymmat transfer bolup, ol «Çelsiniň» argentinaly oýunçysy Enzo Fernandesiň 106,8 million funtluk rekordyny täzeledi.



● Italiýanyň paýtagty Rimiň «Roma» topary 2 futbolçyny düzümine goşdy. Žoze Mourinionyň tälimçiligindäki klub argentinaly ýarymgoragçy, geçen möwsüm «Ýuwentusda» oýnan 29 ýaşyndaky Leandro Parades bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Şeýle-de, «Roma» topary PSŽ-niň 25 ýaşyndaky portugaliýaly ýarymgoragçysy Renato Sanşesi möwsümiň ahyryna çenli kärendesine transfer etdi.





● «Real Madrid» topary şikes alan derwezeçisi Kurtuanyň ornuna «Çelsiniň» ispaniýaly derwezeçisi Kepa Arrizabalagany möwsümiň ahyryna çenli kärendesine transfer etdi. 28 ýaşyndaky derwezeçi 2018-nji ýylda rekord baha «Çelsi» toparyna transfer bolupdy.





